TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– DAÝHANLARYMYZYŇ ÇEKÝÄN YHLASLY, TUTANÝERLI ZÄHMETI NETIJESINDE SAHAWATLY TÜRKMEN TOPRAGYNDA OBA HOJALYK EKINLERINIŇ BOL HASYLY ÖSDÜRILIP ÝETIŞDIRILÝÄR, AZYK HOWPSUZLYGY ÜPJÜN EDILÝÄR.


# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

4-nji oktýabr, 2024. Belgisi 40/1606




30-njy sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we sebitlerde alnyp barylýan işler, Oba milli maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi bilen baglanyşykly meselelere garaldy.

## MÖWSÜMLEÝIN OBA HOJALYK IŞLERI GYZGALAŇLY DOWAM EDÝÄR

Welaýatlaryň häkimleri sebitlerde möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdiler.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda ösdürilip ýetişdirilen pagta hasylyny gysga wagtda, ýitgisiz ýygnap almak, pagta ýygymynyň depginini güýçlendirmek boýunça zerur işler alnyp barylýar. Ýygym möwsüminde oba hojalyk tehnikalary, kabul ediş harmanhanalary, pagta arassalaýjy kärhanalar doly güýjünde işledilýär. Welaýatlarda bugdaý ekişini agrotehniki möhletlerde geçirmek boýunça degişli işler dowam edýär. Bu işlerde oba hojalyk tehnikalaryndan we gurallardan netijeli peýdalanylýar. Ekiş geçirilen meýdanlarda gögeriş suwy tutulýar. Sebitleriň ekerançylyk meýdanlarynda güýzlük ýeralma, gök-bakja, beýleki azyklyk ekinlere ideg etmek, ýetişdirilen hasyly ýygnap almak işleri utgaşykly alnyp barylýar. Şeýle hem häkimler welaýatlardaky medeni-durmuş maksatly desgalaryň ýyladyş ulgamlaryny gyş paslyna taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işler, Oba milli maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň çäklerinde şu ýyl açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilen medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalarda gurluşyk işleriniň depginleri barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, daýhan yhlasy bilen ýetişdirilen pagta hasylynyň ýitgisiz ýygnalyp alynmagynyň, bugdaý ekişiniň agrotehniki möhletlerde, ýokary hilli geçirilmeginiň zerur talap bolup durýandygyny belledi we bu babatda häkimlere anyk tabşyryklary berdi. Döwlet Baştutanymyz Oba milli maksatnamasynda bellenen wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmeginiň möhümdigine ünsi çekip, bu ugurdaky işleriň ýokary hilli ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda welaýatlaryň ekerançylyk meýdanlarynda ýetişdirilen pagta hasylyny ýygnap almak, möwsümde ulanylýan oba hojalyk tehnikalaryny öndürijilikli işletmek, ýygnalan hasyly pagta arassalaýjy kärhanalarda bökdençsiz kabul etmek boýunça degişli işler dowam edýär. Ýurdumyzda bugdaý ekişini talabalaýyk geçirmek maksady bilen, ekişde ulanylýan oba hojalyk tehnikalaryny we gurallary doly güýjünde işletmek, gallaçy daýhanlary ýokary hilli bugdaý tohumlary bilen üpjün etmek boýunça zerur çäreler görülýär. Ekiş geçirilen meýdanlarda gögeriş suwy tutulýar. Hormatly Prezidentimiziň Diýarymyzda azyk bolçulygyny has-da pugtalandyrmak baradaky tabşyryklaryndan ugur alnyp, welaýatlarda güýzlük ekilen azyklyk oba hojalyk ekinlerine ideg etmek, ýetişdirilen hasyly ýygnap almak boýunça işler ýerine ýetirilýär. Daşoguz, Lebap welaýatlarynda şaly oragyna başlamak boýunça taýýarlyk işleri, Mary welaýatynyň gant şugundyry ekilen meýdanlarynda bolsa ideg işleri alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, möwsümleýin oba hojalyk işleriniň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda we ýokary hilli geçirilmeginiň möhümdigini belledi hem-de bu ugurda alnyp barylýan işleri gözegçilikde saklamagy wise-premýere tabşyrdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, ýetişdirilen pagta hasylynyň ýitgisiz ýygnalyp alynmagynyň, bugdaý ekişiniň agrotehniki möhletlerde geçirilmeginiň möhüm ähmiýetine ünsi çekip, bu ugurdaky işleriň guramaçylyk derejesini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy. Şeýle-de hormatly Prezidentimiz welaýatlarda güýzlük ekinlere agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg etmek, ýetişdirilen hasyly ýygnap almak boýunça zerur işleri geçirmek babatda birnäçe anyk tabşyryklary berdi.



## Garaşsyzlyk – buýsanjymyz, bagtymyz

Garaşsyzlygyň geçen 33 ýyly halkymyzyň durmuş derejesini ýokarlandyrmaga, ykdysadyýetimiziň kuwwatyny artdyryp, dünýä giňişliginde ýurdumyzyň ornuny berkitmäge gönükdirilen beýik işler bilen şöhratlandy. Şol işleriň ählisi milli ösüş maksatnamalarynyň çäklerinde üstünlikli amala aşyrylýar. Garaşsyz Watanymyzyň belent sepgitlere ýetmegi, ykdysady taýdan ýokary depginde ösmegi geljegimiziň has-da röwşendigini wada berýär.

1991-nji ýylyň güýzünde dünýäniň syýasy kartasynda Garaşsyz Türkmenistan döwleti peýda boldy. Berkarar döwletimiziň iň täze taryhy, biziň ösüşlerimiz we üstünliklerimiz dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen Garaşsyzlygymyzdan başlanýar.

■ 3

## Halk Maslahaty – halk häkimiýetiniň ygtybarly sütüni

**Ak mermerli paýtagtymyzda geçen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň şanly wakalarynyň üstüni ýetirdi. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyzyň başlyklyk etmeginde geçen döwletli maslahatda ýurdumyzyň durmuş-ykdysady we syýasy ösüşiniň wajyp meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy, berkarar Watanymyzy ösdürmegiň uzak möhletli strategik maksatnamalaryny durmuşa geçirmekde ileri tutulýan wezipeler kesgitlenildi.**



**Halk häkimiýetiniň iň ýokary wekilçilikli edarasy bolan Türkmenistanyň Halk Maslahaty watandaşlarymyzyň agzybirliginiň, jemgyýetiň jebisliginiň has-da berkidilmegine uly goşant goşýar.**

■ 3

## HATYRA GÜNI – HAKYDA GÜNI

**Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan asylly işlerini mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda bedew bady bilen ösýän ýurdumyzda Watan gerçekleriniň gahrymançylyklaryna hormat goýulýar, olaryň edermenligi çuňňur sarpalanýar. Her ýylyň 6-njy oktýabrynda Hatyra gününiň bellenip geçilmegi şol asylly işleriň aýdyň mysaly bolup durýar.**

Bagtyýar halkymyz özleriniň bu günki ajaýyp durmuşy üçin Watan ogullarynyň hatyrasyny belent tutýar, hormat bilen sarpalaýar. Olaryň hormatyna gözel paýtagtymyzda bina edilen «Halk hakydasy» ýadygärlikler toplumyndaky «Ruhy tagzym», «Milletiň ogullary», «Baky şöhrat» ýadygärliklerine tagzym edip, gerçekleriň synmaz ruhuna sarpasyny bildirýär. Gökdepe galasyny goran ata-babalarymyzyň, 1941 – 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunyň gahrymanlarynyň, 1948-nji ýylyň Aşgabat ýertitremesiniň şehitleriniň hatyrasyna dikilen ýadygärlikler toplumy bu günki bagtyýar durmuş üçin nesilleriň olara goýýan uly hormatynyň belent nyşanydyr.

Hatyra gününde ruhy mertlik bilen Watan üçin gaýduwsyzlyk görkezen mugallym, ilhalar ynsan, Gahryman Arkadagymyzyň atasy Berdimuhamet Annaýewiň gahrymançylygy barada ýatlanylmagy häzirki bagtyýar durmuşymyz ugrundaky söweşde gahrymançylygyň baýdagyny ynamly parladan



gerçeklerimize asylly sarpanyň beýany bolup durýar.

Öten-geçenleri hatyralamak we olaryň ruhlaryny şat etmek halkymyzyň ençeme ýyllardan bäri dowam edip gelýän ynsanperwer ýörelgeleriniň biridir. Şir ýürekli ýigitler 1941 – 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşuna – Watan goragyna gitdiler. ■ 3

## MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ GRUZIN DILINDÄKI GOŞGULAR ÝYGYNDYSY TANYŞDYRYLDY

**30-njy sentýabrda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Magtymguly Pyragynyň gruzin dilindäki goşgular ýygyndysynyň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi. Bu barada Türkmenistanyň DIM-iň web-saýtynda habar berilýär.**

Çärä Türkmenistanyň DIM-iň, Türkmenistanda işleýän diplomatik wekilhanalaryň we halkara guramalaryň wekilleri, edebiýatşynaslar, alymlar, žurnalistler, institutyň professor-mugallymlary we talyplary, şeýle-de KHBS-niň wekilleri gatnaşdylar.



Tanyşdyrylyş dabarasynda çykyş edenler akyldar şahyryň döredijilik mirasynyň bahasyna ýetip bolmajak milli baýlykdygyny we dünýä medeniýetiniň hazynasynyň aýrylmaz bölegidigini nygtadylar. Şahyryň şygyrlary adamlaryň kalbynyň töründen orun alýar. Çünki olarda bütin adamzadyň üýtgewsiz gymmatlyklary – Watana bolan söýgi, ynsanperwerlik, parahatçylyk söýüjilik, dost-doganlyga, döredijilige çagyryş çuňňur beýan edilýär.

Tanyşdyrylyş dabarasynda çykyş eden Gruziýanyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi Konstantin Sabiaşwili täze neşiriň türkmen-gruzin medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryny pugtalandyrmakdaky ähmiýetini nygtady. Çäräniň barşynda Gruziýanyň ýazyjylarynyň, alymlarynyň we jemgyýetçilik işgärleriniň wideoaragatnaşyk arkaly çykyşlary diňlenildi. Bellenilişi ýaly, Magtymgulynyň goşgularynyň gruzin diline terjime edilmegi Türkmenistan bilen Gruziýanyň arasyndaky dostlugyň we ýakyn hyzmatdaşlygyň ýene bir aýdyň mysalydyr.

Çärä gatnaşyjylar şahyryň garaýyşlarynyň beýleki halklara hormat goýmak, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine, demokratiýa, däpdessurlara ygrarlylyga esaslanýandygyny bellediler. Bu ýörelgeler Türkmenistanyň Bitaraplygynyň mazmunyny emele getirýär we ýurdumyzyň diplomatiýasynyň parasatlylygynyň, dowamatlylygynyň hem-de ähmiýetiniň çeşmesi bolmagyny dowam etdirýär. Şahyryň edebi mirasy siwilizasiýalaryň dialogy diýlip atlandyrylýar.

Dabaranyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar täze neşiriň üsti bilen gruzin dilli okyjylaryň Magtymguly Pyragynyň edebi döredijiligi bilen has ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik alandyklaryna ynam bildirdiler.

Ýeri gelende belläp geçsek, 12-nji sentýabrda Tbiliside Türkmenistanyň Gruziýadaky Ilçihanasynyň guramagynda beýik türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň gruzin dilindäki goşgular ýygyndysynyň tanyşdyrylyş dabarasy geçirilipdi.



## Bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlyk giňeldilýär

Bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek, ýokary okuw mekdeplerinde ylym-bilim-önümçilik arabaglanyşygynyň kämil usulyny döretmek, obasenagat toplumy üçin ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamakda tejribe alyşmak öňümizde goýlan möhüm wezipeleriň hatarynda durýar. Bu ugurda durmuşa geçirilýän işler ýurdumyzyň hünär okuw mekdeplerini halkara derejä çykarmaga, giň dünýägaraýyşly ýaşlary kemala getirmäge uly mümkinçilikleri döredýär.

Golaýda ýurdumyzyň bilim ulgamynyň wekiliýeti ABŞ-da resmi saparda boldy. ■ 2


4

### Syýahatçylyk öňki derejesine gaýdyp geldi

BMG-niň syýahatçylyk guramasy «UN Tourism»-iň soňky hasabatyna görä, dünýäniň halkara syýahatçylygy koronawirus pandemiýasyndan öňki derejesine gaýdyp gelip, doly diýen ýaly dikeldi.





5

### Dünýäniň iň owadan obalary

Dünýäde ekerançylygyň mekany bolan obalaryň geografik ýerleşişi, binagärlik aýratynlyklary taýdan biri-birinden tapawutlanýan, fauna, flora dünýäsi bilen görenleri haýran edýän birnäçesi bar.





6

### Tolstoýyň saýty baýlaşdyrylýar

Beýik rus ýazyjysy Lew Tolstoýyň ömri we döredijiligine bagyşlanan «tolstoy.ru» saýtynda «Tolstoýyň sözi» bölümi ýola goýuldy. Bu bölümde Tolstoýyň ähli eserlerinden sözleri gözläp tapyp bolýar.





7

### Uly hasaply ýeňişler

UEFA Çempionlar Ligasynda 2-nji tapgyryň duşuşyklary geçirildi. Tapgyryň iň ýatda galan netijesi Dortmundda hasaba alyndy. «Borussiýa» topary öz meýdançasynda «Seltik» toparyndan 7-1 hasabynda üstün çykdy.




# TÜRKMENISTAN – ATA MEKAN GARAŞSYZ

*Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň halkymyzyň ykbalynyň özgermegine eden täsiri uludyr. 1991-nji ýylyň sahawatly güýzünde türkmen halky döwletliligiň, erkinligiň, galkynyşyň aýdyň ýoluna düşüp, ata-babalarymyzyň arzuwlan berkarar döwletine eýe boldy.*

Garaşsyzlygyň ilkinji gününde ýurdumyz parahatçylyk söýüjilik, jebislik, milli demokratik ýol-ýörelgelerini döwlet syýasatynyň esasy ugurlary hökmünde saýlap aldy. Bu ýol-ýörelgeler dünýäniň ähli döwletleri tarapyndan gyzgyn goldawa eýe boldy. Taryh üçin gysga döwrüň içinde ýurdumyzda asyrlara barabar amal edilen işler onuň abraý-mertebesini ýokary belentliklere ýetirdi. Bu üstünlikler milli Garaşsyzlygyň täze, ak ýolunda ynamly gadam urýan ýurdumyz üçin adamzat ýaşaýşynyň umumy öýi bolan Ýer togalagynda bagtyýar ýaşaýşyň gapysyny açdy.

Milli Garaşsyzlygymyzy gazananymyza 33 ýyl doldy. Bu ýyllar içinde milli ykdysadyýetimizde, gurluşykda, saglygy goraýyşda, oba hojalygynda, bedenterbiýe we sport ulgamynda, ulag-aragatnaşyk, medeniýet we beýleki ähli ulgamlarda amal edilen işler sanardan kändir.



Milli senenamamyzyň iň naýbaşy baýramçylygy – Garaşsyzlyk güni tutuş ýurdumyzda giň gerimde bellenildi. Il-ulsumyz bilen birlikde, dünýä jemgyýetçiligi hem bu baýramyň şatlygyna goşuldy. Soňky ýyllarda dostlukly döwletlerde iri şäherleriň belent başly binalaryny Türkmenistanyň Döwlet tugunyň ýalkym saçýan şekilinde bezäp, türkmen halkyny milli baýramy bilen gutlamak asylly däbe öwrüldi. Garaşsyzlygymyzyň şanly 33 ýyllygy mynasybetli bellenilen gününde Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde ýerleşýän dünýäniň iň beýik «Burj Halifa» binasynyň ýüzünde ýurdumyzyň döwlet baýdagynyň şekiliniň şöhlenendirilmegi beýik binalaryň özboluşly ýaraşygyna öwürdi. Örän täsirli şöhlelenme beýikligi 828 metre deň bolan binanyň türkmen gölleri we bäş ýyldyzly ýarymaý şekili bilen öwüşgin atýan al-ýaşyl sütüne öwrülmegi iki ýurduň arasynda dost-doganlyk gatnaşyklaryna möhüm ähmiýet berilýändiginiň nobatdaky beýanydyr.

Dubaýda ýerleşýän 163 gatdan ybarat bolan «Burj Halifa» diňi myhmanhana otaglaryny, restoranlary, kafeleri we edaralary öz içine alýar. Şeýle hem Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 33 ýyllygy mynasybetli Türkiýäniň Söwda palatalary we haryt biržalary binasy, şeýle hem «Atakule» synlaýyş diňi we Moskwanyň Täze Arbat köçesindäki binalar Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň reňklerinde ýşyklandyryldy.

Bu çäreler dostlukly ýurtlaryň arasyndaky däbe öwrülen dost-doganlyk gatnaşyklaryna, şeýle hem türkmen halkyna çuňňur hormatyny ýene bir gezek görkezdi.

Ýurdumyzyň durmuşynda bolan bu taryhy waka ykbaly şu mukaddes topraga bagly bolan her birimiziň kalbymyza ganat, göwnümize hyruç, zybanymyza ylham berendigi mälimdir. Bu şanly waka bagyşlap ilkinji bolup eser döreden Türkmenistanyň halk ýazyjysy Atamyrat Atabaýew «Garaşsyz» diýen goşgusynda onuň ähmiýetini sazlaşykly setirlere salyp, türkmen halkyna sowgat etdi. Bu goşgy şirin aýdyma öwrülip, dillerde ýaňlanýar.

***Goý, güller açylsyn sähraň ýüzünde,***
***Asmanam, goý, rahmet nuruny saçsyn.***
***Müň dokuz ýüz togsan biriň güýzünde***
***Türkmenistan – ata mekan Garaşsyz!***

Goý, mukaddes Watanymyzy milli Garaşsyzlygyň ýoly bilen öňe ilerledip, halkyny Gün kimin çoýýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri zyýada bolsun.

**Sapaguly WELBEKOW,**
*Aşgabat şäheriniň Berkararlyk etrap prokuraturasynyň uly sülçüsi, 2-nji derejeli ýurist.*

## Dünýäniň iň bagtly şäherleri

Her ýyl taýýarlanýan «Bagtly şäherler indeksiniň» täze sanawy ýaýradyldy. Sanawy Angliýanyň Ýaşaýşyň hili instituty taýýarlaýar. Bilermenler sanawy taýýarlanlarynda şäheriň ýaşaýjylarynyň daşky gurşaw, jemgyýetçilik ulagy, ýerli ykdysadyýet, ýerli öz-özüni dolandyryş we ýaşaýşyň umumy hili ýaly ugurlara baha berýärler.



Sanaw ýaşaýjylaryň bu ugurdaky sowallara beren jogaplarynyň netijesinde taýýarlanypdyr. Sanawa jemi 250 şäher girizilip, birinji orny Daniýanyň Aarhus şäheri eýeledi. Sanawyň ýokarky basgançaklaryny Demirgazyk Ýewropa ýurtlaryndaky şäherler eýeleýär. Şweýsariýanyň Sýurih şäheri ikinji, Germaniýanyň Berlin şäheri üçünji bolupdyr. Gýoteborg (Şwesiýa), Amsterdam (Niderlandlar), Helsinki (Finlýandiýa), Bristol (Angliýa), Kopengagen (Daniýa), Ženewa (Şweýsariýa) we Mýunhen (Germaniýa) ilkinji onluga girdi.

**Merjen GURBANKULOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň magistri.*

## Ewerest dagy ösýär

Geçirilen täze barlaglaryň netijesinde dünýäniň iň beýik dagy bolan Ewerestiň her ýyl 2 millimetr ösýändigi mälim edildi. Alymlaryň bellemeklerine görä, muňa dagyň töwereginde derýalaryň täsirinden emele gelýän eroziýa sebäp bolýar.

Angliýanyň London kollejiniň bilermenleri beýikligi 8 müň 849 metre ýetýän dagyň nädip uzalýandygyny bilmek üçin barlag geçirdiler. Netijede, mundan 89 müň ýyl ozal Ewerestiň golaýyndaky Arun derýasynyň Kosi derýasy bilen birikmegi netijesinde bu sebitde eroziýa artypdyr.



Derýalar birigenden soňra suw köp mukdardaky daş we toprak gatlagyny sürüp äkidipdir. Şonuň netijesinde ýeriň aşagyndan gelýän basyş Ewerestiň beýgelmegine sebäp bolupdyr.

Alymlar dagyň 89 müň ýylyň dowamynda 15-50 metr aralygynda beýgelendigini, her ýylda 2 millimetre çenli ösmegini dowam etdirjekdigini çaklaýarlar. Bu barada taýýarlanan ylmy barlag «Nature Geoscience» žurnalynda neşir edildi.

**Umyt BALKANGULYÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## 100 million ulag öndürdi

Günorta Koreýanyň «Hyundai» kompaniýasy esaslandyrylmagynyň 57-nji ýylynda 100 millionynjy ulagyny öndürdi. Kompaniýa 50 millionynjy ulagyny 2013-nji ýylda öndüripdi. Bu bolsa, kompaniýanyň häzire çenli öndüren ulaglarynyň ýarysyny soňky 11 ýylda öndürendigini aňladýar. 1967-nji ýylda esaslandyrylan kompaniýa 1978-nji ýylda 5 millionynjy ulagyny çykarýar.



Bu bolsa, koreý brendiniň soňky ýyllarda has ýokary ösüş gazanandygyny görkezýär. Bu şanly sene mynasybetli Günorta Koreýanyň Ulsan zawodynda öndürilen 100 million 1-nji ulag «Hyundai Ioniq 5» dabaraly ýagdaýda eýesine gowşuryldy. 1968-nji ýylda açylan bu önümçilik desgasy koreý awtoulag senagatynyň dünýä inen ýeri hasaplanýar. 1975-nji ýylda köpçülikleýin önümçilige goýberilen ilkinji koreý ulagy bolan «Ponty» hem bu ýerde öndürilipdir.

**Mähri DURDYÝEWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Mermer heýkel gymmat bahadan satyldy

Ýapon heýkeltaraşy Isamu Noguçiniň 1971-nji ýylda döreden «Study for Energy Void» atly mermer heýkeli 4 million 650 müň dollara satyldy. «Sotheby's» auksion öýi «Abrams» maşgala kolleksiýasyna degişli jemi 27 eseri satuwa çykardy. Olaryň arasynda ýapon heýkeltaraşynyň eseri has gymmat bahadan satyldy. 3,5 million dollara satuwa çykarylan heýkeli 4 million 650 müň dollara näbelli adam satyn aldy. Heýkeliň ölçegi 116,5x91,4x35,6 santimetr.



1904–1988-nji ýyllar aralygynda ýaşap geçen Noguçi heýkeltaraş, peýzaž arhitektory hökmünde dürli eserleri döretdi. Amerikada dünýä inen Noguçi ýapon binagärligini döwrebap nusgalar bilen baýlaşdyrdy. Çagalyk ýyllary Ýaponiýada geçen sungat ussady belli binagärleriň ýanynda hünär öwrendi.

**Nurmuhammet BERDIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Has köp syýahatçy kabul eder

Hytaý has köp syýahatçyny çekmek üçin käbir ýurtlar bilen wizasyz syýahat düzgünini ýola goýdy. Şu ýylyň sentýabrynda Norwegiýanyň raýatlary üçin wizasyz düzgüni ýola goýan Hytaý ýene-de 4 ýurdy olaryň hataryna goşdy. Indiden beýläk Kipriň, Daniýanyň, Gresiýanyň we Sloweniýanyň raýatlary Hytaýa wiza almazdan gidip bilerler. Şeýlelikde, Ýewropadan Hytaýa wizasyz baryp bilýän ýurtlaryň sany 17-ä ýetdi.



Hytaý şu ýylyň iýulynda Awstraliýa we Täze Zelandiýanyň raýatlaryna hem wizasyz gelmeklerine mümkinçilik döredipdi. Ýylyň başynda bolsa Malaýziýanyň raýatlary üçin wiza düzgüni ýatyrylypdy. Wizasyz giriş diňe gezelenç maksady bilen barýanlara degişli bolup, 15 gün bilen çäklendirilendir. Bu düzgün geljek ýylyň ahyryna çenli dowam eder. Bu ýeňilligiň döredilmegi Ýewropadan Hytaýa syýahata barýanlaryň sanynyň artmagyna getiripdir.

## Bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlyk giňeldilýär

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Häzirki wagtda dünýäniň öňdebaryjy ýokary okuw mekdepleriniň reýtinglerini düzýän halkara maslahat beriş kompaniýalarynyň düzýän sanawlarynda ABŞ-nyň ýokary okuw mekdepleri öňdeligi eýeleýär.

Türkmen wekiliýeti ABŞ-nyň Döwlet departamentinde we beýleki birnäçe bilim edaralarynda netijeli gepleşikler geçirdiler.



Mälim bolşy ýaly, 2023-nji ýylyň 24-nji aprelinde ABŞ-nyň Döwlet departamentinde geçirilen Türkmenistanyň we ABŞ-nyň arasyndaky ikitaraplaýyn syýasy geňeşmeleriň dokuzynjy tapgyrynyň netijesinde, Türkmenistanyň Hökümeti bilen ABŞ-nyň arasynda bilim ulgamynda hyzmatdaşlyk boýunça özara düşünişmek baradaky Ähtnama gol çekilipdi. Şol günden bäri ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň täze nusgasy ornaşdyryldy.

Bu gezekki duşuşykda Türkmenistanda Amerikanyň öňdebaryjy ýokary okuw mekdepleriniň şahamçalaryny açmak barada hem pikir alşyldy. Şeýle ädim ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy güýçlendirip, Türkmenistanyň ýokary bilim ulgamynyň ösmegine uly goşant goşar, talyplara öňdebaryjy bilim tehnologiýalaryna we usullaryna elýeterliligi döreder.

Bu saparyň netijeleri boýunça ýurdumyzyň 3 sany iri ýokary okuw mekdepleri bilen ABŞ-nyň abraýly Kent uniwersitetiniň arasynda özara düşünişmek hakyndaky ähtnamalara gol çekildi. Bu möhüm resminama Türkmenistan döwletimizden Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersiteti, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty hem-de Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk instituty goşuldy. Şeýle resminamalar okuw maksatnamalaryny giňeltmäge, bilelikdäki bilim we ylym başlangyçlaryny döretmäge, şeýle hem iki döwletiň arasynda medeni alyş-çalşygyny pugtalandyrmaga ýardam edýär.

Dostlukly döwletde geçirilen netijeli duşuşyklar hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda bilim ulgamyny halkara ülňülere laýyk getirmek boýunça alnyp barylýan giň möçberli işleriň aýdyň subutnamasydyr. Bu barada Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň web saýty habar berýär.

**Selbi ÇERKEZOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

## 132 ýyldan soňra tapyldy

Balykçylaryň toruna içi hatly çüýşäniň ilýän ýagdaýy diňe hyýaly kinolarda däl, eýsem, kähalatlarda hakyky durmuşda hem gabat gelýär. Adamlar dürli döwürlerde dürli maksatlar bilen içine hat salnan çüýşeleri deňze taşlapdyrlar. 2018-nji ýylda awstraliýaly Tonýa Illman deňiz kenarynda gezelenç edýän wagty bir çüýşäni tapýar. Illman ony gadymy çüýşä meňzeýändigi sebäpli kitap tekjesinde goýmak üçin alýar. Onuň içindäki gumy dökmek üçin açanlarynda içinden saralan kagyz bölegi çykypdyr. Öýüne eltip kagyzy guradanlarynda öçügsi nemesçe ýazgynyň bardygy belli bolupdyr. Illman ýanýoldaşy bilen internetde gözleg edenlerinde bu kagyzyň Nemes deňiz obserwatoriýasyna degişlidigini anyklapdyrlar. Kagyzyň ýüzündäki ýazgyda onuň deňze taşlanan wagty, ýeri, gäminiň ady, gidýän ugry ýazylypdyr. Şeýle hem çüýşäni tapan adamdan ony Nemes deňiz obserwatoriýasyna ýa-da Germaniýanyň konsulluk edarasyna ugratmaklary haýyş edilipdir.

Günbatar Awstraliýa muzeýiniň hem-de Nemes deňiz obserwatoriýasynyň häzirki şahamçalarynyň hünärmenleri çüýşäniň 1886-njy



ýylda Uelsiň Kardiff şäherinden Indoneziýanyň Makassar şäherine barýan gämiden deňze taşlanandygyny anykladylar. Şeýle hem hünärmenler bu çüýşäniň içi hatly iň gadymy çüýşedigini belllediler.

**Kemal ATAHALLYÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Uçara münmezden, 10 ýylda dünýäni aýlandy

Daniýaly syýahatçy Torbýorn Pedersen 10 ýyllap uçara münmezden, dünýä ýurtlarynyň ählisini aýlandy. Ol bu syýahatyna çykmazdan ozal, işinden çykdy, maşgalasy bilen hoşlaşdy. Şeýlelikde, ol diňe gury ýerden gidýän we suw ulaglaryndan peýdalanyp, Ýer ýüzüni aýlandy. Ol bir gezek öýünden gaýdandan soňra, syýahatyny doly tamamlaýança öýüne dolanyp barmady. «Thor» lakamyny ulanýan syýahatçy gezelenje başlamazdan ozal, deňizçilik pudagynda zähmet çekýän eken. Onuň şeýle syýahata başlamagyna kakasyndan alan haty sebäp bolupdyr. Kakasy oňa häzire çenli Ýer ýüzüni uçara münmezden aýlanan adamyň ýokdugy barada gürrüň berýän makala ugradypdyr. Şeýlelikde, ol Ýer ýüzüni uçara münmezden aýlanmak kararyna gelip, onuň üçin gözleg işine girişipdir.

Ol 2013-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda, 34 ýaşynda wagty uzak ýola rowana bolupdyr. Syýahatyna Ýewropa ýurtlaryndan başlan Pederson soňra Demirgazyk we Günorta Amerika ýurtlaryna gidipdir. Syýahaty döwründe pasportyny 10 gezek çalyşmaly bolupdyr. Ilkibaşda syýahatyny 4 ýylda tamamlamagy maksat edinen hem bolsa, onuň bu maksadyna ýetmegi has uzaga çekipdir. 2020-nji ýylyň ýanwar aýynda bolsa, Ýuwaş ummanyndaky Palau Respublikasyna gitmek üçin Gonkonga baranynda «Covid 19» pandemiýasy sebäpli çäklendirmeler girizilipdir. Şeýlelikde, Pedersen 2 ýyl töweregi wagt Gonkongda ýaşamaly bolupdyr. Çäklendirmeler aradan aýrylandan soňra ol syýahatyny galan ýerinden dowam edipdir. Pedersen şu ýylyň maý aýynda syýahatyny doly tamamlapdyr.

## TÜRKMEN TARYHYNYŇ GIŇDEN WAGYZ EDILMEGINDE MUZEÝLERIŇ ORNY

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda muzeý işini, muzeýleriň işiniň ösdürilmegini goldamak boýunça kabul edilen «Medeniýet hakynda» we «Muzeýler we muzeý işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary uly ähmiýete eýedir. Häzirki döwürde arheologik tapyndylary öwrenmekde, rejelemekde we muzeýleşdirmekde, taryhy-medeni mirasymyzy gorap saklamakda, ylmy taýdan öwrenmekde we wagyz etmekde alnyp barylýan işler, daşary ýurtly hünärmenler bilen bilelikde ýerine ýetirilýän taslamalar uly üstünliklere beslenýär.*

Türkmenistanda muzeý işini ösdürmek we muzeýleriň halkymyzyň medeni durmuşyndaky ähmiýetini ýokarlandyrmak hem-de ýurdumyzda muzeý işiniň kämilleşdirilmegine aýratyn üns bermek maksady bilen, hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň muzeýleriniň taryhyny öwrenmegi we muzeý işini kämil usullarda guramagy wezipe edip goýdy. Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda, 2009-njy ýylyň 14-nji maýyndan Türkmenistanyň Milli muzeýi Türkmenistanyň Baş milli muzeýi ady bilen hereket edip başlaýar.

2009-njy ýylyň 18-nji maýynda Türkmenistanyň Baş milli muzeýiniň Etnografiýa we ülkäni öwreniş muzeýiniň, 2009-njy ýylyň 29-njy iýunynda bolsa Türkmenistanyň Prezidentiniň muzeýiniň dabaraly açylyşy boldy. Soňky ýyllaryň içinde ähli welaýat merkezlerinde ýerli şertler boýunça alnanda iň uly we döwrebap, muzeý işini guramak we alyp barmak üçin niýetlenilen ýörite kaşaň binalar gurlup, ulanylmaga tabşyryldy. Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýiniň döredilmegi we onuň ýurdumyzyň ylmy-medeni durmuşyndaky orny ýurdumyzyň Garaşsyzlygyna eýe bolmagy bilen berk baglanyşyklydyr. Türkmen halkynyň baý medeni mirasyny ýüze çykarmak, öwrenmek, goramak, saklamak we gaýtalanmaýan bu mirasy ýaýratmak boýunça ägirt uly işler kesgitlenildi. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady



ösüşiniň Baş Maksatnamasyna laýyklykda Diýarymyzda durmuş-medeni edaralara degişli bolan desgalaryň giň toplumy gurulýar. Diýarymyzda muzeýleriň täze binalarynyň gurulmagy döwletimiziň medeni mirasyny gorap saklamak üçin zerur şertleriň döredilýändigine şaýatlyk edýär.

Ýurdumyzda ýerleşýän baş muzeýleriň biri bolan Türkmenistanyň Döwlet muzeýi köpugurly muzeý bolmak bilen, onuň muzeý gaznasy örän baý we muzeý gymmatlyklarynyň gaýtalanmajak nusgalaryna eýedir. Gadymy türkmen topragynda Goňurdepe, Garadepe, Namazgadepe, Altyndepe, Jeýtun we Änew ýaly dünýäniň ilkinji ekerançylyk medeniýeti bolan ýady-



gärlikler bar. «Nusaý», «Köneürgenç», «Gadymy Merw», «Gadymy Dehistan», «Kerki», «Abiwerd», «Köne Sarahs» we «Gökdepe galasy» döwlet taryhy-medeni goraghanalary diýlip yglan edilen özboluşly muzeýlerdir. Gadymy Merwiň, Köneürgenjiň, Nusaýyň ýadygärlikleri bolsa ählumumy gymmatlyklar hökmünde ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi.

**Oguljemal HOJAKGAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýiniň taryh ylmy barlag bölüminiň müdiriniň orunbasary.*

## HEMMÄMIZIŇ BORJUMYZ

Ýangyn howpsuzlygynyň düzgünlerini berjaý etmek biziň her birimiziň borjumyzdyr. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugy ildeşlerimiziň ýaşaýyş jaýlarynda, iş ýerlerinde ýangyn dörän halatynda ýerine ýetirmeli borçlary barada, öz maslahatlarydyr nesihatlary bilen ýüzlenip, şulary ýatladýar.

Ýaşaýyş jaýlarydyr desgalarda ýa-da olaryň çäginde ýangyn hadysasy dörän halatynda, ilkinji nobatda, Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugynyň ýangyn söndüriş söweşjeň toparyny öý ýa-da iş telefonlaryndan 01-e, el telefonyndan 001 belgä jaň edip, ýangynyň dörän salgysyny we degişli maglumatlary ýangyn söndüriş söweşjeň toparyna habar bermeli. Şondan soň, suw çeşmelerine we ýangynyň dörän ýerine gelýän ýollara belet adamy ýangyn söndüriş söweşjeň toparynyň öňünden çykmak üçin ugradyp, binadyr desgalardan kömege mätäç adamlary halas etmegi we olaryň howpsuzlygyny üpjün etmegi ugrukdyrmaly. Halas ediş işleri bilen bir hatarda, öýlerde ýa-da iş ýerlerinde bar bolan ýangyn söndüriş serişdeleri, ot söndüriji, içki ýangyn kranlary, ýangyn söndürmegiň göçme enjamlary we şuňa meňzeşler bilen ýangynyň ojagyny söndürmäge girişmeli. Zerurlyk ýüze çykan halatynda gazdan halas ediş, lukmançylyk we beýleki gulluklary çagyrmaly.

Ýangyny söndürmek boýunça işleri geçirýän adamlardan başga, boş duran adamlary ýangynyň çäginden çykaryp, meýdançada howpsuz ýerde bolmaklaryny üpjün etmeli. Zerur bolan ýagdaýynda elektrik energiýasyny öçürmegi, enjamlary, agregatlary, enjamlary saklamaga, çig mal, gaz, bug we suw ulgamyny ýapmagy, wentilýasiýalar ulgamlaryny togtatmagy guramaly, tüsse çykaryjy ulgamy işledip, ýangynyň ýaýramagynyň öňüni almak boýunça çäreleri amala aşyrmaly. Ýangyn söndürmäge gatnaşýan adamlary mümkin bolan elektrik togundan, zäherlenmekden, ýanykdan, düzütleriň üstüne ýykylmagyndan goramagy üpjün etmeli. Ýangyn söndürmek bilen bir wagtda ýokary temperaturanyň täsirinde howp salýan jaýyň gurluşyk düzütlerini we tilsimat enjamlaryny sowatmagy ýola goýmaly. Ýangyn söndüriş söweşjeň toparynyň gelmegi bilen, kärhananyň wekili, ýagny ýangyn söndürmäge ýolbaşçylyk eden, ýangyn söndüriş söweşjeň toparynyň ýolbaşçysyna ýangynyň ojagy barada zerur bolan hemme maglumatlary habar bermäge borçludyr.

***Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň ýanyndaky Ýangyn howpsuzlygy müdirliginiň wagyz-nesihat bölümi.***

## Gün beketleriniň sany artýar

Angliýanyň «Ember» maslahat beriş kompaniýasynyň taýýarlan täze maglumatnamasynda şu ýylyň dowamynda guruljak täze Gün beketleriniň umumy önümçilik kuwwatynyň 593 GW boljakdygy bellenilýär. Bu görkeziji geçen ýyldakydan 29 göterim köp diýmegi aňladýar. Maglumatda, Gün beketlerine maýa goýum goýýan ýurtlaryň ykdysadyýetleriniň hem durnukly ösýändigi bellenilýär. Hytaý, ABŞ, Hindistan, Germaniýa we Braziliýa Gün energiýasy pudagyna has köp maýa gönükdirýär.



Täze guruljak Gün beketleriniň 75 göterimi bu bäş ýurda degişli bolar. Hytaýyň şu ýylyň dowamynda işe girizjek Gün panelleri energiýanyň bu arassa çeşmesiniň önümçiligini 28 göterim artdyrmaga mümkinçilik berer. Ýylyň ahyryna çenli dünýäde täze önümçilige goýberiljek Gün beketleriniň 56 göterimi Hytaýa degişli bolar. Bu bolsa, ýurduň Gün beketlerinden alýan elektrik energiýasynyň 334 GW artjakdygyny aňladýar.

Gün panelleriniň halkara söwdasy hem artýar. Pakistan we Saud Arabystany ýylyň başyndan bäri her aýda önümçilik kuwwaty 1 GW-dan köp bolan panelleri import etdi. Ýylyň ilkinji ýedi aýynda Pakistan 12,5 GW Gün panellerini satyn aldy. Bu görkeziji Saud Arabystanynda 9,7 GW boldy. Paneller oturdylyp, önümçilige başlanan ýagdaýynda bu iki ýurt Germaniýa, Braziliýa we Hindistan ýaly Gün energiýasyny öndürýän iri ýurtlaryň hataryna goşular.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Oktýabr aýynyň 4-i, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-114896
Belgisi: 40/1606
Tiražy: 9047
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde



**Tozan deňiz jandarlary üçin möhüm.** Florida ştatynyň uniwersitetiniň (ABŞ) hünärmenleri Sahara çölünden howa arkaly gelýän tozanyň ummanlar üçin möhüm demir çeşmesidigini subut edýän barlag geçirdiler. Bu madda fitoplankton we beýleki deňiz jandarlary üçin möhüm hasaplanýar.



**Fotobäsleşigiň netijesi yglan edildi.** «Oceanographic Magazine» žurnaly tarapyndan guralan abraýly «Ocean Photographer 2024» fotobäsleşiginiň ýeňijileri yglan edildi. Bäsleşigiň baş baýragyna kitiň balyklary awlaýan wagty düşürilen suraty bilen ispaniýaly fotosuratçy Rafael Kabalero mynasyp boldy.



**ABŞ-dan öňe geçdi.** «New World Wealth» we «Henley&Partners» tarapyndan geçirilen barlaglara görä, soňky 10 ýylda sentimillionerleriň (baýlygy 100 million dollardan geçýän adamlar) sany 54 göterim artypdyr. Hytaý aşa baýlaryň sanynyň ösüş depgini boýunça dünýäde öňdeligi eýeledi. 29 müň 350 sany aşa baý adamyň 2 müň 350-siniň Hytaýda ýaşaýandygy belli boldy.



**Mamontyň uly gyýagy tapyldy.** Agramy 270 kilogram, uzynlygy 2 metre golaý bolan uly mamont gyýagy Medisonda (Missisipi, ABŞ) tapyldy. Onuň daşa öwrülen galyndylaryny Eddi Templton tapdy. Ullakan gyýak dişi pleýstosen döwründe 11,7 müň ýyl ozal ýaşap geçen Kolumbyň mamontyna degişlidir.



**Ýuliýa Domnanyň heýkeli tapyldy.** Angliýanyň Karlaýl şäherinde geçirilen gazuw-agtaryş işlerinde arheologlar Rim imperatorynyň aýaly Ýuliýa Domna degişli hasaplanýan rim heýkeliniň kellesini tapdylar. 18x13 santimetrlik ýadygärlik 2023-nji ýylda şol bir ýerden tapylan beýleki tapyndylardan has ýokary nepisligi bilen tapawutlanýar.



**Günüň owadan batýan şäherleri.** «Forbes» žurnaly sosial ulgamlardan, tebigy we howa şertlerinden alnan maglumatlaryň seljermesine esaslanyp, Günüň iň owadan batýan şäherleriniň sanawyny neşir etdi. Sanawyň öňüni Pariž çekdi, ikinji orny Dubaý, üçünji orny bolsa Los-Anjeles eýeledi.



**Emeli aň ulgamy döredildi.** Ýaponiýanyň «Sakana AI» kompaniýasy awtomatik usulda ylmy gözlegleri amala aşyrmak üçin dünýäde ilkinji emeli aň ulgamyny hödürledi. Täze emeli aň ulgamy täze pikirleri döretmäge, synaglary we gözleg işlerini geçirmäge, hatda gözleg netijelerini jemlemäge ukyplydyr. Bu ulgam ylmy makalalary hem ýazyp bilýär.



**Synag üstünlikli geçdi.** «Space Perspective» amerikan startapy «Neptun-Excelsior» kosmiki gämisiniň synaglarynyň üstünlikli geçendigini mälim etdi. Germetik kapsulany göterýän şar Ýeriň üstünden 30,5 kilometr belentlige çykdy. Uçarmansyz uçuş alty sagat dowam etdi. «Space Perspective» 2025-nji ýylda uçuşlara başlamagy meýilleşdirýär.



**Trampyň sagat kolleksiýasy.** ABŞ-nyň öňki Prezidenti we häzirki wagtda prezidentlige dalaşgär Donald Tramp «Trump Watch» sagat kolleksiýasyny çykardy. Hatarda 150 töweregi sagat modeli bolup, olaryň bahasy 499 dollardan 100 müň dollara çenli aralykda üýtgeýär. Bu sagatlary taýýarlamak üçin altyn we göwher ulanylypdyr.



**303 sany syrly geoglif tapyldy.** Halkara barlag geçirijileri Perudaky Naska platosynda 300-den gowrak täze geoglifi tapmak üçin emeli aňdan peýdalandylar. Bu açyş sebitdäki belli şekilleriň sanyny iki esse artdyrýar. Geoglifler Ýeriň ýüzüne çekilen uly çyzgylar ýa-da nagyşlardyr. Adatça, olary diňe ýokardan seredip görüp bolýar.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1911-nji ýylyň 4-nji oktýabrynda London metrosynyň Erls-Kort stansiýasynda ilkinji hereket edýän basgançak işe girizildi. Agaçdan ýasalan bu eskalator onçakly oňaýly däldi. Şeýle eskalator Londonyň metro beketleriniň birinde uzak ýyllap ulanyldy.**



# Ýaponiýanyň täze Premýer-ministri

Ýaponiýanyň öňki goranmak ministri, 67 ýaşly Sigeru Isiba dolandyryjy Liberal-demokratik partiýanyň (LDP) başlyklygyna saýlanandan soň 1-nji oktýabrda ýurduň parlamentinde Premýer-ministr wezipesine saýlandy.

Deputatlaryň aglaba köplügi oňa ses berdi. Esasy aşaky palatada geçirilen ses berişlikde Isiba 465 sesden 291 ses aldy. Konstitusion-demokratik partiýanyň başlygy Ýosihiko Noda 100 ses aldy. Imperator Naruhito Isibany hökümet Baştutany wezipesine tassyklandan soň, ol ýurduň taryhynda 102-nji Premýer-ministr bolar.

Ýaponiýanyň täze Premýer-ministri Sigeru Isiba Keýo uniwersitetiniň hukuk fakultetini tamamlady we «Mitsui» bankynda işledi. Ol LDP-niň başlygy wezipesine bäşinji gezek dalaş edipdi we munuň partiýanyň iň ýokary wezipesi ugrunda iň soňky synanyşygy boljakdygyny aýdypdy. Ol dürli ýyllarda goranmak ministri, oba hojalygy ministri we hökümetiň baş sekretary bolup işledi.

Saýlaw kampaniýasy wagtynda ýurduň goranyş ukybyny we sebitdäki köpçülikleýin howpsuzlyk ulgamyny güýçlendirjekdigini aýtdy. Şeýle hem ol saýlawçylaryň LDP-ä bolan ynamyny dikeltmek üçin işlejekdigini wada berdi we tebigy betbagtçylyklaryň öňüni almak boýunça ministrligi döretmegi teklip etdi.




Hökümet täze Premýer-ministri tassyklamak üçin 1-nji oktýabrda parlamentiň nobatdan daşary mejlisini geçirdi. Şeýle hem, 27-nji oktýabrda parlamentiň aşaky palatasyna möhletinden öňki saýlawlary geçirmek mümkinçiligi ara alnyp maslahatlaşyldy.

# Moldowada 11 dalaşgär hasaba alyndy

20-nji oktýabrda Moldowada geçiriljek Prezident saýlawlary bilen baglanyşykly 11 dalaşgär hasaba alyndy. Bu barada Moldowanyň Merkezi saýlaw komissiýasy habar berdi. Prezidentlige bellige alnan dalaşgärleriň dördüsi zenan. Bular – Moldowanyň häzirki Prezidenti Maýýa Sandu, Gagauziýa awtonom territorial bölüminiň öňki başlygy Irina Wlah, žurnalist Natalýa Morar, öňki prokuror Wiktoriýa Furtune.

Prezidentlige dalaşgärleriň arasynda 2019-2021-nji ýyllarda ýurduň prokurory bolup işlän Aleksandr Stoýanoglo, öňki häkim Renato Usatyý, öňki Premýer-ministr Wasiliý Tarlew, Ion Kiku we beýlekiler bar. Häzirki wagtda prezidentlige dalaşgärleriň saýlaw kampaniýasy dowam edýär. Hiç bir dalaşgär sesleriň 50 göteriminden gowragyny almasa, saýlawlaryň ikinji tapgyry geçiriler.

Şeýle hem Prezident saýlawlary bilen bir hatarda Moldowanyň Ýewropa Bileleşigine agza bolmagy barada sala salşyk hem geçiriler. Konstitusiýa laýyklykda, Moldowa Respublikasynyň Prezidentiniň ygtyýarlyk möhleti dört ýyl bolup, kasam kabul edilen gününden başlap, indiki saýlanan Prezident kasam kabul edýänçä dowam edýär. Moldowanyň häzirki Prezidenti Maýýa Sandu 2020-nji ýylyň 24-nji dekabrynda kasam kabul edipdi.



# Turan gaplaňlary köpeldiler

Amur gaplaňlaryndan ikisi Niderlandlardan Gazagystandaky «Ile-Balhaş» döwlet goraghanasyna getirildi. Gazagystan Respublikasynyň Ekologiýa we tebigy baýlyklar ministrliginiň habaryna görä, bu waka ekoulgamy we ýitirilen biodürlüligi dikeltmek üçin möhüm ädim boldy.

Alymlar, şol sanda, Halkara tebigaty goramak bileleşigi amur we turan gaplaňlaryny aýratyn görnüşler däl-de, eýsem, şol bir görnüşiň ekologik ýa-da geografik taýdan tapawutly ýerde ýaşaýan görnüşi hasaplaýarlar. Olar bu çäklerde durnukly ýagdaýda köpelenden soňra, turan görnüşiň wekilleri hasaplanar.



Turan gaplaňlarynyň sany amur gaplaňlaryndan ep-esli köp bolup, Hindistandaky gaplaňlaryň sanyna has golaýlaşypdy. Bu, Balhaş sebitinde azyndan, 100 gaplaňy ösdürip ýetişdirmäge mümkinçilik berýär. Taryhy taýdan Gazagystandaky turan gaplaňlarynyň ýaşaýan ýerlerini Ili derýasynyň we Syrderýanyň kenaryndaky gamyşlyklary, gyrymsy agaçlary we tokaýlyklary öz içine alýardy.

Gazagystanda gaplaňlaryň azyk üpjünçiliginiň (sugun, jeren, saýgak, gulan, keýik we ýekegapan) bozulmagy sebäpli, bu ýyrtyjy jandarlar 1948-nji ýyldan soňra ýitirim boldular.

# Täze dünýä rekordy goýuldy

Hytaýyň Ýanbýan-Koreýa awtonom okrugynda 7 müň 598 sany dronyň gatnaşmagynda täsin şüweleň geçirildi. Okrugyň 72 ýyllygyna bagyşlanan bu çärede howada şekil emele getirýän dronlaryň sany boýunça dünýä rekordy goýuldy diýip, Ginnesiň rekordlar kitabynyň web saýty habar berýär.

Bu şüweleň ýurduň «Shenzhen Damoda Intelligent Control Technology Co., Ltd» kompaniýasy tarapyndan guraldy. Dronlaryň sany 2020-nji ýyldaky öňki rekorda gatnaşan dronlaryň sanyndan iki esse köp boldy. Şol wagt Hytaýyň Çžuhaý şäheriniň üstünde şekil emele getirmäge 3 müň 51 dron gatnaşypdy.

Ýanbýanda dronlar Beýik Hytaý diwary, aždarha ýaly şekilleri emele getirdiler, şeýle-de azaliýa güli we tansçylar ýaly ýerli medeniýetiň nyşanlaryny şekillendirdiler. Şekilleriň görkezilişini dolandyrmak üçin her bir dronyň ýagdaýyna gözegçilik edýän bir noutbuk ulanyldy. Şekiller howada azyndan 20 sekunt saklandy, iň soňky görkezilen gaplaňyň şekili bolsa 37 sekunt dowam etdi. Şüweleňde 10 müňlerçe adam asmanda döredilen bu täsin şekillere tomaşa etdiler.



# «Erkinlik partiýasy» ýeňiş gazandy

29-njy sentýabrda Awstriýada geçirilen parlament saýlawlarynda Gerbert Kikliň ýolbaşçylygyndaky «Awstrýanyň erkinlik partiýasy» (AEP) sesleriň 29,1 göterimini alyp, ýeňiş gazandy. Şeýlelikde, AEP taryhy rekord gazanyp, ilkinji gezek saýlawlarda öňdeligi eýeledi.

Ikinji orunda sesleriň 26,2 göterimi bilen häzirki Kansler Karl Nehammeriň ýolbaşçylygyndaky konserwatiw «Awstriýanyň halk partiýasy» gelýär. Üçünji orunda 20,4 göterim ses bilen «Awstriýanyň Sosial-demokratik partiýasy», ondan soňra 8,8 göterim bilen «Täze Awstriýa – Liberal forum» hem-de 8,6 göterim bilen «Ýaşyllar» gelýär.

Şeýlelik bilen, saýlanan partiýa Milli geňeşe geçirilen saýlawlarda iň güýçli syýasy güýje öwrüler. Respublikany esaslandyryjylar bolan Konserwatorlar we Sosial-demokratlar bilelikde alanyňda, 50 göterimden köp ses alyp bilmediler. Mundan öň AEP Awstriýada geçirilen Ýewropa saýlawlarynda hem ýeňiş gazanypdy.

Häzirki wagtda öňdebaryjy partiýalaryň hiç biri-de absalýut köplügi alyp bilmeýär, şoňa görä, hökümet gurmak üçin koalisiýa gurmak meselesi ýüze çykýar.



Eýýäm partiýalaryň köpüsi «Awstriýanyň erkinlik partiýasy» bilen koalisiýa döredilmegine garşydygyny mälim etdiler. «Awstriýanyň halk partiýasynyň» başlygy Karl Nehammer öz partiýasynyň «Awstriýanyň erkinlik partiýasy» bilen hyzmatdaşlyk edip biljekdigini aýtdy. Koalisiýa döretmek birnäçe aý dowam edip biler.

# Elektroulag bazary ösýär

**Şu ýyl gibridleri hem öz içine alýan dünýäniň elektroulag bazary, takmynan, 22 göterim ýokarlanar. Geljek ýylda ýene 23 göterim ösüşe garaşylýar. Bu barada «EY Global Mobility Consumer Index» kompaniýasynyň barlaglarynda bellenilýär. Elektroulag bazary 2022-nji ýylda 37 göterim, 2023-nji ýylda 29,7 göterim ösüş gazandy. 2024-nji ýylda doly elektroulaglaryň (BEV) satuwynyň 11,2 million bolmagyna garaşylýar. 2022-nji ýylda bu görkeziji 7,4 million bolupdy.**

**Şeýle-de, geçirilen barlaglar elektroulag satyn almaga bolan gyzyklanmanyň ýokarydygyny ýüze çykardy. Geçen ýylky 55 göterim bilen deňeşdirilende, pikiri soralanlaryň 58 göterimi şu ýyl BEV ýa-da gibrid satyn almagy makul bilýärler. Şonuň bilen birlikde, geçirilen barlaglar sarp edijileriň isleginde üýtgeşmeleriň bolandygyny ýüze çykardy. ABŞ-da awtoulag satyn almak isleýänleriň paýy 60 göterimden 50 göterime, şol sanda elektroulag satyn almak isleýänleriň paýy 48 göterimden 34 göterime çenli azaldy.**

**Şol bir wagtyň özünde, esasan hem, daşary ýurtlarda hytaý elekt-**



**roulaglarynyň meşhurlygy artýar. Ýewropanyň elektroulag bazarynda olaryň paýy 2019-njy ýyldaky 4 göterimden 2023-nji ýylda 8 göterime çenli ýokarlandy. Hytaý brendleriniň elýeterli bahasy we hiliniň ýokary bolmagy olaryň esasy aýratynlygy bolup durýar. EY-niň pikir soraşmasy 2024-nji ýylyň iýun-iýul aýlarynda 28 ýurtdan 19 müň sarp edijiniň arasynda geçirildi.**

# Hindistan öňdebaryjy ýurt bolar

Bilermenler Hindistanyň ykdysady ösüşi başdan geçirjekdigini, netijede, ýurduň jemi içerki önüminiň ösüşi babatda 2030-njy ýyla çenli dünýäde öňdebaryjy ýurt boljakdygyny öňe sürýärler.

«S&P Global» guramasynyň çaklamalaryna görä, hindi ykdysadyýeti her ýyl 6,7 göterim ösüp, onuň möçberi 2030-2031-nji ýyla çenli 7 trillion dollardan geçer. Bu depgin bolsa, ýurda dünýäde üçünji uly ykdysadyýete öwrülmäge mümkinçilik berer.

– Durnukly ykdysady ösüş Hindistanyň karz ukyplylygyna oňyn täsirini ýetirýär. Biz munuň geljek iki-üç ýylda üýtgemejekdigine ynanýarys – diýip, «S&P Global» guramasynyň hünärmenleri belleýärler.

Arzan we bilimli işçi güýji, ýokary tehnologiýaly hyzmatlaryň ösüşi we önümçiligiň Hytaýdan göçürilip getirilmegi ösüşiň esasy faktory bolar.

Maýa goýumlary üçin iň geljegi uly pudaklar elektronika, derman senagaty, Gün energiýasy we batareýa önümçiligidir. Deňiz söwdasyny ýokarlandyrmak üçin port infrastrukturasyny ösdürmek möhüm orun eýeleýär.

– Hindistan eýýäm iň köp nebit satyn alýan ýurtlaryň biri hökmünde tanalýar. Emma Hytaýdan tapawutlylykda, ählisi diýen ýaly gaýtadan eksporta iberilýär. Nebit çig maly, adatça, nebiti gaýtadan işleýän zawodlarda dizele, mazuda we beýleki önümlere öwrülip, daşary ýurtlara eksport edilýär – diýip, Russiýanyň Milli energiýa howpsuzlygy gaznasynyň öňdebaryjy hünärmeni Igor Ýuşkow belleýär.



# SYÝAHATÇYLYK ÖŇKI DEREJESINE GAÝDYP GELDI

**BMG-niň syýahatçylyk guramasy «UN Tourism»-iň soňky hasabatyna görä, dünýäniň halkara syýahatçylygy koronawirus pandemiýasyndan öňki derejesine gaýdyp gelip, doly diýen ýaly dikeldildi. 2024-nji ýylyň ilkinji 7 aýynda halkara syýahatçylygy 2019-njy ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, bary-ýogy 4 göterim yzda.**

«UN Tourism»-iň 2024-nji ýylyň ilkinji 7 aýynda dünýä syýahatçylygynyň ösüşi baradaky täze hasabatynda, şu ýylyň ýanwar-iýul aýlarynda dünýäde 790 milliondan gowrak syýahatçynyň daşary ýurda syýahat edendigi bellenilýär. Bu görkeziji 2023-nji ýyldakydan 11 göterim köp we 2019-njy ýyldakydan 4 göterim az. Halkara syýahatçylygynyň ösmeginiň esasy faktorlarynyň biri hem daşary ýurtlaryň howa ýollarynyň geografiýasynyň giňeldilmegi we wiza talaplarynyň ýönekeýleşdirilmegi boldy.



«Bu netijeler, häzirki dowam edýän ykdysady we geosyýasy töwekgelçiliklere garamazdan, 2024-nji ýylda halkara syýahatçylygynyň doly dikeldilmegi baradaky öňki çaklamalara laýyk gelýär» diýip, «UN Tourism»-iň hasabatynda bellenilýär. Maglumatlara görä, Ýakyn Gündogar iň uly ösüşi görkezip, makrosebit bolmagyny dowam etdirýär, ýylyň ilkinji ýedi aýynda halkara syýahatçylarynyň gelmegi 2019-njy ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 26 göterim ýokarlanypdyr.

Afrika 2019-njy ýylyň ýanwar-iýul aýlary bilen deňeşdirilende, 7 göterim köp syýahatçy kabul etdi. Ýewropa we Amerika giriş akymlaryny degişlilikde, 99 we 97 göterim dikeltdi. Bu proses Aziýa-Ýuwaş umman sebitinde has haýal bolup, halkara syýahatçylarynyň gelmegi 2019-njy ýylyň ýedi aýy bilen deňeşdirilende, 18 göterim pes.

Umuman alanyňda, dünýädäki 120 ugurdan 67-si 2024-nji ýylyň birinji ýarymynda halkara syýahatçylarynyň gelmegini 2019-njy ýylyň derejesine çenli dikeltdi. 2024-nji ýylyň ýanwar-iýul aýlarynda iň ýokary görkeziji gazanan ýurtlaryň arasynda Katar (2019-njy ýyl bilen deňeşdirilende +147 göterim), Albaniýa (+93), Salwador (+81), Saud Arabystany (+73), Moldowa Respublikasy (+50) we Tanzaniýa (+49) bar.

«UN Tourism»-iň maglumatlaryna görä, şu ýylyň birinji ýarymynda 63 ýurduň 47-si pandemiýadan öňki halkara syýahatçylyk girdejilerini dikeltdi. Hususan-da, 2024-nji ýylyň iýun we iýul aýlarynda iň gowy netijeleri gazanan ýurtlar Albaniýa (+128) we Serbiýa (+126) bolup, ondan soň Täjigistan (+85), Pakistan (+76), Çernogoriýa (+70), Demirgazyk Makedoniýa (+60) we Portugaliýa (+57) gelýär.

Türkiýe (+55) we Kolumbiýa (+54) hem syýahatçylardan gelýän girdejiler taýdan ýokary netijeleri görkezdiler. Bu ymtylyş Saud Arabystanynda (+207) we Salwadorda (+168) hem bolup, 2019-njy ýylyň birinji çärýegine garanyňda düýpli ösüş depginini görkezýär.

«UN Tourism»-iň hünärmenleri, dünýä syýahatçylygyndaky meseleleriň henizem dowam edýändigine garamazdan, 2024-nji ýylyň oňyn gutarmagyna garaşýarlar. Bu pudagyň ösüşini haýalladýan faktorlaryň arasynda ulag we ýaşaýyş jaýlary üçin ýokary bahalar, işgärleriň ýetmezçiligi we howa bilen baglanyşykly hadysalaryň bardygy bellenildi.

# DÜNÝÄNIŇ IŇ OWADAN OBALARY

**Dünýäde ekerançylygyň mekany bolan obalaryň geografik ýerleşişi, binagärlik aýratynlyklary taýdan görenleri haýran edýän birnäçesi bar. 2021-nji ýyldaky maglumatlara görä, dünýä ilatynyň 3,42 milliardy obada ýaşaýar. Biz hem gazetimiziň şu sanynda dünýäniň iň owadan obalary barada gyzykly maglumatlary dykgatyňyza ýetirmegi makul bildik.**



**Burtanž, Niderlandlar.** Westerwald şäheriniň golaýynda ýerleşýän bu obada 430 adam ýaşaýar. Ýyldyza meňzeş bu täsin oba 1593-nji ýylda harby gullukçylaryň ýaşamagy üçin esaslandyrylypdyr. Tutýan meýdany 0,21 inedördül kilometre barabar bolan bu obada 133 sany ýaşaýyş jaýy bar. Niderlandlar bilen Germaniýanyň serhedindäki ýyldyza meňzeş oba niderlandlaryň esasy syýahatçylyk merkezleriniň biridir. Bu kiçijik obada merkezi bazar meýdançasy, köp sanly dükanlar, kafeler we restoranlar bar.



**Bilberri, Angliýa.** Glýuster şäheriniň Bilberri obasy dünýäniň iň owadan obalarynyň biri bolup, XVII asyrda bina edilen jaýlary, «Bilberri bahary», goňur alabasy (balygyň bir görnüşi) bilen görenleri haýran galdyrýar. Obanyň töweregindе jülgeler bilen utgaşyp gidýän depeler hem bar. Köln derýasynyň akyp geçýän bu obasy Angliýa gelýän syýahatçylar üçin iň gowy ýerleriň biri hasaplanýar. Derýanyň üstünde birnäçe daşly we agaç köprüler bolup, balyklary, ördekleri hem-de derýa ýakasyndaky agaçlary synlamaga mümkinçilik berýär.



**Gasadalur, Şotlandiýa.** Şotlandiýanyň demirgazygyndaky bu obanyň çägi Farer adalaryna degişlidir. Deňiz derejesinden 213 metr belentlikde ýerleşýän bu täsin oba diňe deňiz ýoly arkaly baryp bolýar. Obanyň daş-töweregi kert gaýaly bolup, bu oba barmak üçin ýörite gurlan basgançaklar arkaly ýokary çykmaly. Mulafossur şarlawugy obanyň iň owadan künjegi hasaplanýar.



**Sirakawa-go, Ýaponiýa.** Sokawa derýasynyň kenarynda ýerleşýän Şirakawa-go obasynyň daş-töweregini tokaýlar gurşap alandygy hem-de üstüni bulut örtüp durandygy sebäpli, ozallar bu oba kartada görkezilmeýärdi. Soňlugy bilen oba ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilip, meşhurlygy artyp başlaýar. Soňky ýyllarda obada abadanlaşdyryş işleri alnyp barylýar, ýollar çekilýär. Häzirki wagtda jahankeşdeler Şirakawa-go obasyna awtobusly gezelenç edýärler. Obanyň esasy aýratynlygy – ondaky ot bilen örtülen ýapgyt üçekli jaýlardyr. Mundan başga-da Syo derýasynyň üstünden geçýän asma köpri syýahatçylaryň has köp ünsüni çekýär.



**Kua Wan, Wýetnam.** Wýetnamyň Halong aýlagynyň gaýalary bilen gurşalan suw üstündäki Kua Wan obasynyň meşhur «Awatar» filminiň surata düşürilmeginde hyýaly tebigat bolup hyzmat edendigi aýdylýar. Syýahatçylaryň we balykçylaryň iň gelim-gidimli ýerleriniň biri bolan Kua Wanda kiçijik jaýlar, naharhanalar hem-de mekdep bar. Oba mekdebine çagalar gaýykly gatnaýarlar. Bu ýer, hakykatdan-da, gaýtalanmajak özboluşlylyga eýedir.



**Wengen, Şweýsariýa.** Alp daglarynyň etegindäki Wengen obasynyň 1000-den gowrak ilaty bar. Bu oba Şweýsariýanyň meşhur ýerleriniň biri bolup, islendik möwsümde syýahatçylara duş gelmek bolýar. Wengen suw şypahanasy, asma ýoly, lyža ýaryşlary, gurjak teatrlary hem-de «Mendelssohn» aýdym-saz hepdeligi bilen meşhurdyr. Arassa dag howasynyň hapalanmazlygy üçin bu ýerde ulag sürmek gadagan.

# Elektron enjamlary nähili arassalamaly?

**Kompýuterdir beýleki elektron enjamlary arassalamak ownuk we ünsli çemeleşmeli iş hasaplanýar. Kähalatlarda öýde ýa-da ofisde arassaçylyk işleri geçirilende kompýuterleriň gözden sypdyrylýan halatlary bolýar. Aslynda, bu elektron enjamlar yzygiderli arassaçylygy talap edýär. Elektrik energiýasy bilen işleýändigi we içinde ownujak bölekleriň bardygy sebäpli bu enjamlar arassalananda has ünsli bolmaly. Geliň, bu enjamlary arassalamagyň käbir usullaryna seredeliň!**

Kompýuter klawiaturasyny arassalamak o diýen kyn däl. Emma islendik elektron enjam arassalananda suwuk serişdeleri örän seresaply ulanmalydygyny ünsden düşürmeli däl. Sebäbi suwuk arassaçylyk serişdesi aşa köp ulanylsa ýa-da enjamyň içine girse, zyýan ýetirmegi mümkin. Arassaçylyga başlamazdan ozal, bu enjamlary tokdan aýyrmaly. Klawiaturany ilki başaşak tutup, aşagyndan çalaja urmaly we silkmeli. Şeýlelikde, düwmeleriň arasyna giren hapa we tozan bölejikleri gaçar. Elektron enjamlaryň satylýan dükanlarynda klawiatura arassalamaga niýetlenen basyşly serişdäni düwmeleriň arasyna pürkmeli. Soňra gury mikrosüýümli esgi bilen süpürmeli we guraýança garaşmaly.

Optiki syçanjyklar kiçi bolansoň, arassalamak hem kyn däl. Syçanjygy mahal-mahal çygly esgi bilen süpürmeli. Optiki syçanjyk arassalananda aşaky bölegindäki hapalary we şiräni doly aýyrmagy ýatdan çykarmaly däl.

Kompýuterleriň, ýankompýuterleriň, telewizorlaryň we beýleki enjamlaryň ekranlary örän näzik bolýar. Şol sebäpli ekrany



gaty basman, esgi bilen süpürmeli. Çalgyç, desmal, elýaglyk, bir gezek ulanmaga niýetlenen aşhana kagyzlary ekranlara zeper ýetirýär. Ekrany süpürmek üçin çala çyglandyrylan ýörite mikrosüýümli esgini ulanmaly. Esgä gereginden artyk aýna ýuwujy ergin sepilende, ekranyň çarçuwasyndan içine girip, zeper ýetirmegi mümkin. Şol sebäpli ergini esginiň diňe ýarysyna ýa-da bir burçuna sepmeli. Ekranyň göni ýüzüne aýna ýuwujy ergin sepilende bolsa, gury esgi bilen bada-bat süpürmeli.

Ekranyň ýüzünde tegmil bar bolsa, aýyrmak üçin owkalamaly däl. Hapa aýrylýança çygly esgi bilen çala basyp süpürmegi dowam etmeli. Ekran arassalananda oňa diňe esgi degmeli. Eliňiz degse, ýene-de yz galar.

Ýuka ekranlary arassalamak üçin ýörite satylýan çygly süpürgiçlerden hem peýdalanyp bilersiňiz. Bu çygly süpürgiçler gündelik durmuşda ulanylýan çygly süpürgiçlerden tapawutly bolup, ekran üçin zyýansyz ýörite serişde bilen kadaly mukdarda çyglandyrylýar. Rezine çalymdaş bu süpürgiçler ekrana zeper ýetirmeýär. Öýde ulanylýan adaty arassaçylyk serişdeleri bilen elektron enjamlaryny arassalamakdan gaça durmaly.



# ÇAGALARA oýnawaçlaryny ýygnamagy öwrediň!

Oýnawaçlar çagalaryň akyl we fiziki endiklerini ösdürmäge mümkinçilik berýär. Körpejeler oýnawaçlaryna güýmenmek arkaly daş-töweregi öwrenýärler. Mysal üçin, haýwanlary sesinden we şekilinden tanamagy, san sanamagy, ýazmagy, surat çekmegi, gysgajyk aýdymlary, saz çalmagy, inženerçilik hasaplamalary öwrenýärler. Mundan başga-da, oýnawaçlar çagalaryň hyýallarynyň ösmegine, ünsüniň güýçlenmegine, el-barmak endikleriniň kämilleşmegine, çözgüt tapmak, baş alyp çykmak endikleriniň ýokarlanmagyna, köpçülik bilen dil tapyşmaga, sabyrly bolmaga, hoşamaý bolmaga, tebigata has ýakyn bolmaga mümkinçilik berýär.

Çagalar hemişe akyl we psihologik taýdan ösüşde bolansoňlar, oýnawaçlaryny, şahsy zatlaryny tertiplemegi bilmeýärler. Şeýle ýagdaýda ata-eneler çagalara gaharlanmagyň ýerine oýnawaçlary tertipläp goýmagy, güýmenje esbaplaryny soňam oýnamalydygyny düşündirmeli. Otagy tertiplemek, oýnawaçlaryny ýerli-ýerine goýmak çagalar üçin içgysgynç bolup görünýär. Şol sebäpli körpejeler bilen oýun oýnaýan ýaly görnüşde oýunjaklaryny ýygnamagy endige öwürmeli. Oýunlar kim köp oýnawaç toplamak, oýnawaçlary kim çalt ýygnamak ýaly görnüşde bolup biler. Şeýle ýagdaýda çagalar oýnawaçlaryny has eý görüp, toparlap goýmaga düşüner. Soňra çagalara tertipli we bulam-bujar oýnawaçly otagda oýnamagyň tapawudyny düşündirmeli. Haýsy otagyň has owadan we gelşikli görünýändigini, haýsy otaga dostlaryny çagyrmak isleýändigini soramaly. Çagalar elbetde tertipli we oýnawaçlary ýerbe-ýer goýlan otagy saýlar.

Mundan başga-da, çagalardan bulam-bujar otagdan haýsydyr bir oýnawajy tapyp bermegini soramaly. Çaga otagy birnäçe wagtlap dörenden soň oýnawajyny tapar. Otagy tertipläniňizden soň, ýene-de şol oýnawajyny tapmagy soramaly. Çaga ýerbe-ýer duran güýmenje esbaplaryna seredip, ýaňky oýnawajy derrew tapyp berer. Çaga bulaşyk otagdan oýnawajyny tapmak üçin nähili kösenendigini düşündirip, otagy tertiplemegiň ähmiýetine ünsi çekmeli. Mundan başga-da, çagalara çalam-çaş oýnawaçly otagda oýnap ýörkä ýykylyp, şikes alyp biljekdigini düşündirmeli. Çagalar otagyny we oýnawaçlary tertipläp bolansoňlar, hökmany ýagdaýda kemputmy ýa-da kökemi, haýsydyr bir eý görýän zady bilen sylaglamaly. Şeýle ýagdaýda çagalar her gün oýnawaçlaryny tertiplemegi endik ederler.

## ÇAGALAR

**Aýaklarynyň uzynlygy 3 metrden gowrak bolan ýapon möýleňňejiniň agramy 16 kilograma ýetýär.**

Täsinlikler dünýäsi

# Ýapon möýleňňeji

Uzynlygy 4 metre ýetýän ýapon möýleňňeji dünýädäki iň uly leňňeç hasaplanýar. Ýapon halk döredijiliginde hyýaly jandar hökmünde suratlandyrylýan bu jandarlar Ýaponiýanyň töweregindäki deňizlerde ýaşaýarlar. Bu leňňeçleriň göwresi kiçijik bolup, bedeniniň esasy bölegini 10 sany aýagy emele getirýär. Aýaklarynyň uzynlygy 3 metrden gowrak bolan ýapon möýleňňejiniň agramy 16 kilograma ýetýär. Ýer şarynyň iň täsin jandarlarynyň biri bolan ýapon möýleňňeji 100 ýyla çenli ýaşaýar.

Ýapon möýleňňejiniň aşa uzyn aýaklary we göwresiniň açyk gyzgylt-mämişi reňkde bolmagy göreniň ünsüni özüne çekýär. Bu deňiz jandarynyň uzyn aýaklary howply jandarlardan gaçmaga, esasan hem, suwuň aşagynda beýikli-pesli depelerden ýöremäge mümkinçilik berýär.

Ýapon möýleňňeji 1836-njy ýylda günbatarly zoologlar tarapyndan ilkinji gezek köpçülige mälim edilýär. Ylmy ady «machrocheira kaempferi» bolan uzyn aýakly leňňeçler suwuň düýbündäki ýaşamagyny bes eden deňiz jandarlary we mör-möjekler bilen iýmitlenýär. Bu leňňeçlere suwuň 300 metr çuňlugynda duş gelmek bolýar. Köpelýän möwsüminde bu leňňeçler deňiz kenarynda peýda bolýar. Göwresiniň uludygyna garamazdan ýapon möýleňňeçleri ejiz deňiz jandary hasaplanýar. Bularyň aýagy örän ýumşak bolup, hereket etmegi netijesinde çalt döwülýär.





2009-njy ýylda iň uly ýapon möýleňňeji tutuldy. Uzynlygy 3,5 metrden gowrak bolan bu leňňejiň agramy 20 kilograma ýetýär. 40 ýyl ýaşan äpet möýleňňeje «Crabzilla» diýlip at dakyldy we Niderlandlardaky Şeweningen deňiz durmuşy merkezine goýberildi. Soňra Fransiýanyň paýtagtyndaky «Wal d'Europe» akwariumyna göçürildi. Häzirki wagtda dünýäniň iň uly leňňejini Pariž şäherindäki akwariumda synlap bolýar.

# Liftiň içinde näme üçin aýna bar?

**Adamzat taryhynda iň gowy oýlap tapyşlaryň biri bolan lift geçmiş bilen täze döwrüň tehnologiýasyny birleşdirýär. Liftiň döwrebaplygy we bu enjamyň häsiýetli aýratynlyklary ýylyň-ýylyna ösdürilýär, täzeçe görnüşde işlenip düzülýär. Liftdäki aýratynlyklaryň biri hem ýolagçylara niýetlenen ýüz görülýän aýnanyň bolmagydyr. Eýsem, näme üçin ýokarky gatlara adamlary we ýükleri daşaýan bu enjamda aýna goýulýarka?**

Köpimiz lifte girenimizde bu enjamyň diwaryndaky aýna seredýäris, saçymyza timar berýäris, üst-başymyzy düzedýäris. Ýöne liftdäki aýna bu sebäplere görä goýulmandyr.

Käbir adamda ýapyk we dar ýere girende, garaňkyda, uçarda, metroda gorky alamatlary peýda bolýar. Bu gorky klaustrofobiýa diýlip atlandyrylýar. Klaustrofobiýadan ejir çekýän adamlar lifte münmekden, tunnele girmekden, otly ýa-da metro bilen bir ýere gitmekden gaça durýarlar. Liftiň gapysynyň açylanda gijikmegi, liftiň çyrasynyň öçmegi klaustrofobiýa gorkusyny has-da güýçlendirýär.

### Klaustrofobiýa nädip döreýär?

Alymlar klaustrofobiýanyň sebäbini çagalyk ýyllarynda kelleden şikes almak, bir otagda saklanmak, garaňky otagda gulplanyp galmak ýaly hadysalar bilen düşündirýärler. Bu gorkyny ýeňmek üçin lifte köpräk münmeli. Lifte ýeke münmekden gorkýan bolsaňyz, başga adamlaryň gelerine garaşyp, bilelikde münmeli. Lift baradaky oňaýsyz pikirlerden daşlaşyp, liftiň amatly we oňaýly taraplary barada pikir etmeli. Köp gatly jaýlarda hereket edýän bu enjamyň adaty bir hojalyk serişdesidigine düşünmeli.

### Lift öndürijileriň çözgüdi

1950-nji ýyllarda liftiň tizligi we içki bezegi kämilleşdirilip, häzirki görnüşe getirilýär. Öň haýal hereket edýän liftler, indi binanyň ýokarky gatyna derrew barmaga mümkinçilik berýär. Inženerler dar ýerde birnäçe minutlap köpçüligiň içgysgynç ýagdaýda gitmezliginiň öňüni almak üçin liftiň diwarlarynda





aýna goýmaly diýen karara gelýärler. Tizliginiň ýokarlanmagy we aýna goýulmagy «öý ulagynda» ýetilen iň gowy çözgüt hasaplanýar.

Käbir liftiň içinde ýekeje aýna bar bolsa, käbiriniň içi tutuşlygyna aýna bilen örtülýär. Aýna liftiň içini giň görkezip, has köp ýolagçy barýan ýaly duýgyny başdan geçirmäge, ünsi sowmaga mümkinçilik berýär. Soňky ýyllarda söwda merkezlerinde ulanylýan liftleriň köpüsiniň gabarasy aňyrsy görünýän aýnadan ýasalyp, ýolagçylaryň daş-töweregi synlap gitmegine şert döredýär. Umuman, liftdäki aýna adamyň özüni rahat we howpsuz duýmagyna, üst-başyna serenjam bermegine ýardam edýär.

# Ýeralma barada GYZYKLY MAGLUMATLAR



**Aşhanamyzyň aýrylmaz bir bölegine öwrülen ýeralma dünýäde iň köp ýaýran bakja önümleriniň biridir. Her ýyl dünýäde 400 million tonna töweregi ýeralma hasyly alynýar. Ýeralmanyň üçden bir bölegi Hytaý bilen Hindistanda ösdürilip ýetişdirilýär. Gaýnadylan, gowrulan, köze daglanan – islendik görnüşde tagam taýýarlap bolýan bu bakja önümi baradaky gyzykly maglumatlary dykgatyňyza ýetirýäris.**

- ☑ Köp adam ýeralmanyň ata Watany Irlandiýa diýip bilýär. Irlandiýa ýeralmany köpçülige meşhur eden hem bolsa, bu ösümligiň ilkinji ösdürilip ýetişdirilen ýeri Boliwiýanyň demirgazyk-günbatary we Perunyň günorta bölegi hasaplanýar. 1600-nji ýyllarda ispanlar ýeralmany Amerika alyp gidýärler. Şondan soň hasyly ýeriň aşagynda bitýän bu ösümlik tutuş dünýä ýaýraýar.
- ☑ Ispanlar tarapyndan Günorta Amerika äkidilen kök ýaly ýeralmalar çaknyşdyrylyp owadan sorta öwrülenden soň, gaýtadan Ýewropa getirilýär. Ýewropalylar ýeralmanyň daşy tekiz owadan sortuny ilkibaşda kabul etmeýärler.
- ☑ 400 ýyldan bäri ekilip gelinýän ýeralmanyň häzirki wagtda 4 müňden gowrak medeni görnüşi we 180-den gowrak ýabany görnüşi bar.
- ☑ Ýeralmanyň ähli görnüşiniň düzümi deň däl. Ýöne şeýledigine garamazdan, ýeralmanyň ählisiniň düzüminde krahmal bar.
- ☑ Ýeralmanyň russet diýilýän sorty ýokary derejede krahmal saklaýandygy bilen tapawutlanýar. Fransuz aşhanasynda ýeralmanyň, esasan, şu görnüşi ulanylýar.
- ☑ Köp adam ýeralmanyň pomidor we käbir zäherli güller bilen bir maşgala degişlidigini eşidip geň galýarlar. Ösümlikleriň «Solanaceae» maşgalasy örän uly bolup, 90 topara girýän 4 müň töweregi ösümligi öz içine alýar.
- ☑ Köpleriň pikir edişi ýaly, ýeralmanyň gabygyndaky ýaşyl tegmiller zyýanly däl. Ýeralma göni düşýän Gün şöhlesini hlorofile (ýaşyl reňke) öwürýär. Ýeralmanyň ýaşyl tegmillerini aýryp iýibermeli. Eger-de ýeralmanyň daşy tutuşlygyna ýaşyla öwrülen bolsa, ony iýmekden saklanmaly. Sebäbi ýaşyl ýeralmada zäherlenme döräp, tagamy hem ajaýar.
- ☑ Ýeralmany uzak saklamak üçin ilki mazaly guratmaly. Soňra 4 dereje sowukda üýtgetmän saklamaly. Bu temperatura ýeralmanyň birnäçe ýyllap durkuny ýitirmän saklanmagyna ýardam edýär.
- ☑ Häzirki wagta çenli Ginnesiň rekordlar kitaby tarapyndan hasaba alnan iň uly ýeralmanyň agramy 4,98 kilograma barabardyr. Bu ýeralmany Nottingem (Beýik Britaniýa) şäheriniň fermeri Piter Glazebruk ösdürip ýetişdirýär.

**7 tapawudy tapyň!**



**Şekilli sudoku**

Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.



**Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!**



**Labirint**



**Gyzykly pursat**





Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# Beýik küştçüleriň durmuşyndan



Ýewgeniý Gik, rus ýazyjysy.

**Öz-özüňe ynam**

Ýaryş başlamazdan öň Wilgelm Steýnisden soraýarlar:

– Siziň pikiriňizçe, ýaryşda kim ýeňiji bolar?

– Elbetde, men – diýip, küşt täjiniň ilkinji eýesi ýüzugra jogap berýär. Sebäbi meniň ähli garşydaşlarym dünýä çempiony bilen oýnamaly bolar, meniň bolsa beýle aladam ýok.

**Pyýada**

Laskeriň aýaly Marta köplenç ýaryşlara adamsy bilen bile gidýän eken. Ol ýanýoldaşynyň oýnuna ýakyndan tomaşa edipdir. Marta küştden kämil baş çykarmasa-da, tagtanyň üstünde emele gelen ýagdaýa az-kem düşünipdir. Her oýunda ol adamsynyň pyýadalaryny sanap, eger garşydaşynyň pyýadasyndan kem bolmasa, oýun gowy gidip dur (küştüň beýleki mallary ony gyzyklandyrmandyr) diýip hasaplapdyr. Şonuň üçin hem Lasker aýaly zalda otyrka pyýadalaryny esewanlyk bilen saklapdyr.

**Çempionyň şowsuzlygy**

Gaaga – Amsterdam otlusynda Maks Eýwäniň küpedeşi ondan iki döw küşt oýnamagy haýyş edýär.

– Ýöne özümiň güýçli küştçüdigimi, bassyr üç ýyl bäri öz klubumyzyň çempionydygymy öňünden duýdurmak meniň borjum – diýip, ýoldaşy Eýwä aýdýar.

Olar Amsterdama barýança Eýwe birnäçe gezek garşydaşyny derbi-dagyn etmäge ýetişýär. Otludan düşüp barýarka hälki ýolagçy wakanyň täsirinden çykyp bilmän şeýle diýýär:

– Otluda tötänleýin duş gelen garşydaşyňdan utulaýmak asla bolup bilmejek zat. Maňa küşt mekdebinde «Biziň mekdebimiziň Eýwesi» diýýärler ahyry!

**Göze ilmeýän bakyş**

Mihail Botwinnik atdaşy Mihail Taldan küşt täjini gaýtaryp alansoň, beýleki grossmeýsterlerde bolşy ýaly, oýun wagtynda wagtal-wagtal garşydaşynyň jadyly bakyşlarynyň päsgel beripbermändigi hakynda sorapdyrlar.

– Meňki şowlady, şowakörlügim zerarly men Talyň gözlerini saýgaryp bilmedim, şonuň üçinem jadyly bakyşlar maňa öz täsirini ýetirip bilmedi – diýip, Botwinnik jogap berýär.

**Aýak astyndaky pyýada**

Botwinnik bilen Tal ilkinji gezek 1958-nji ýylda Mýunhen şäherinde geçirilen küşt olimpiadasynda tanyşýarlar. Oýunlaryň arasynda Botwinnik geň galyjylyk bilen Taldan soraýar:

– Siz näme üçin zerur bolmadyk halatynda pyýadany pida etdiňiz?

– Bagyşlaň, şol pyýada maňa päsgel berdi.

**Nobaty bozmaly däl**

Žurnalist Witaliý Melik – Karamow Wilgelm Steýnisden başlap Garri Kasparowa çenli küşt boýunça ähli dünýä çempionlary hakda kinofilm surata düşürmek barada oýlanyp, Mihail Taldan interwýu almak üçin oňa ýüz tutýar.

– Siz Steýnisden interwýu almak barada ylalaşdyňyzmy? – diýip, Tal žurnalistden soraýar.

**Kepilnama**

Wiktor Korçnoý Saraýewo şäheriniň küşt klubunda seans beripdir.

– Biziň küşt klubumyzyň müdiri bilen deňme-deňlige razy-ha dälsiňiz? Şeýtseňiz ol örän hoşal bolardy – diýip, guramaçylaryň biri oňa ýüzlenýär.

– Men siziň müdiriňize grossmeýster derejesinde oýnap bilýändigi hakynda kepilnama berip bilerin, ýöne hiç haçan oýny tamamlaman deňlige razy bolup bilmerin.

Seans oýunlary Korçnoýyň peýdasyna 20:0 hasabynda tamamlanýar.

*Rus dilinden terjime eden*
**Maýa GAPUROWA,**
*Çärjew etrabyndaky 19-njy orta mekdebiň mugallymy.*

# «Aziýanyň Nobel baýragynyň» eýesi

Ýaponiýaly animator Haýao Miýadzaki Aziýa ýurtlarynda Nobel baýragyna barabar hasaplanýan Ramon Magsaýsaý baýragynyň eýesi boldy. Bu barada baýragy esaslandyryjy gazna habar berdi.



«Miýadzaki ýaşlara bolan hormatyny ýüze çykaryp, sýužetlerini we hekaýalaryny sadalaşdyrmaýar. Ol ýaşlara düşnükli etmek maksady bilen sungat arkaly daşky gurşawy goramak, parahatçylyga ymtylmak ýa-da zenanlaryň jemgyýetdäki hukuklaryny we ornuny goramak ýaly çylşyrymly temalary saýlap alýar» diýip, gaznanyň beýanatynda aýdylýar.

Miýadzaki köp sanly animasion eserleriň awtorydyr. Olardan «Meniň goňşym Totoro» (1988), «Şa gyzy Mononoke» (1997), «Ruhlar bilen äkidilen» (2001), «Ýöreýän gala» (2004), «Balyk Ponýo gaýada» (2008) we «Oglan we guş» (2023) ýaly eserleriniň aýratyn ähmiýetiniň bardygy bellenilýär.

Miýadzakiden başga-da, bu baýraga wýetnamly lukman Nguen Thi Ngok Fyong, Butanda haýyr-sahawat guramasyny esaslandyryjy, indoneziýaly ekoaktiwist, şeýle-de Tailanddan Oba lukmanlarynyň hereketi mynasyp boldy.

Nobel baýragynyň Aziýa analogy 1957-nji ýylda esaslandyryldy. Bu baýraga, şol ýyl uçar heläkçiliginde aradan çykan Filippinleriň Prezidenti Ramon Magsaýsaýyň ady dakyldy. Baýrak Aziýa aýratyn goşant goşan adamlara we toparlara berilýär.

**Aýbölek BERDIÝEWA,**
Arkadag şäheriniň döwlet arhiwiniň ylmy-maglumat toplumy boýunça, uly ylmy işgäri.

# Tolstoýyň saýty baýlaşdyrylýar

Beýik rus ýazyjysy Lew Tolstoýyň ömri we döredijiligine bagyşlanan «tolstoy.ru» saýtynda 2022-nji ýylda «Tolstoýyň sözi» bölümi ýola goýuldy. Bu bölümde Tolstoýyň ähli eserlerinden sözleri we aňlatmalary gözläp tapyp bolýar. «Digital Humanities» tehnologiýasynyň kömegi bilen «Tolstoýyň sözi» bilim çeşmesi hökmünde barha ösýär – sahypada täze materiallar, sözlükler we maglumat kitaplary peýda bolýar. Häzirki wagtda taslamany döredijiler saýtda täze maglumatlary goýýarlar.



Lew Nikolaýewiç Tolstoýyň ähli eserleriniň, şahsy ýazgylarynyň we bellikleriniň elektron görnüşe geçirilenine 10 ýyldan gowrak wagt boldy. «tolstoy.ru» portalynyň taslamasy ABBYY kompaniýasynyň ýardamy bilen L.N.Tolstoý adyndaky döwlet muzeýi hem-de «Ýasnaýa Polýana» muzeý mülki tarapyndan ýola goýlupdy. Şol döwürde bu saýtda «Tutuş Tolstoý bir kakuwda» atly bölüm ýola goýuldy. Lew Tolstoý 18 ýaşyndan başlap gündelik ýöredipdir. Onuň iň soňky ýazgysy aradan çykmazynyň öňüsyrasynda ýazylypdyr. Häzirki wagta çenli ýazyjynyň 31 gündeligi saklanyp galyp, ol 5 müň sahypadan ybaratdyr. Gündelikleriň ölçegi Tolstoýyň 6 ýylyň dowamynda ýazan «Uruş we parahatçylygyna» barabar. Tolstoýyň muşdaklary beýik ýazyjynyň bütin ömrüniň dowamynda ýazan gündelikleriniň doly ýygyndysyny, şeýle hem beýleki ýazgylaryny bu saýtdan okap bilerler.

# Swiftiň ýetginjeklik ýyllarynda ýazan kitaby

Amerikaly aýdymçy we aýdymlaryň awtory Teýlor Swift 14 ýaşynda ýazan kitabyny çap etdirmekçi bolýar. Bu barada «The Sun» neşiri habar berýär. «Gyz adyny alan gyz» atly eserde oglunyň bolmagyny islän ene hakda gürrüň berilýär. Bu roman Swiftiň ýetginjeklik döwründe ýazylan bolsa-da, ol häzire çenli çap edilmändir. Bu eseriň Swiftiň ene-atasynda saklanýandygy çaklanylýardy. Ýöne aýdymçy 2015-nji ýylda kitabyň ady üçin söwda belligini hasaba aldyryp, kitap we romanyň audio görnüşi bilen baglanyşykly harytlara bolan hukuklaryny giňeltdi. Aýdymçy 2012-nji ýylda ýüregi gysan wagty roman ýazandygyny aýtdy.



– Meniň dostlarymyň ählisi Pensilwaniýa gaýdyp barypdy, şonuň üçin meniň edere işim ýokdy. Şol döwürde mende ýazyjy bolmak we roman ýazmak barada pikir döredi – diýip, Teýlor Swift gürrüň berdi.

# Paýhaslar

☑ Iň uly üstünlik hiç haçan ýykylmaýanlygyň däl-de, her gezek ýykylanyňdan soň, aýak üstüne galyp başarýanlygyň.
***Konfusiý.***

☑ Dostluk ynamsyzlygyň başlanýan ýerinde gutarýar.
***Konfusiý.***

☑ Garaňky döwürlerde nurly adamlar aýdyň görünýär.
***Erih Mariýa Remark.***

☑ Durmuşda diňe özi üçin ýaşaýan adamyň jemgyýete zyýandan başga peýdasy ýokdur.
***Gorasiý.***

☑ Dünýäde gaharlananyňa degýän zat ýok.
***Epiktet.***

☑ Ýaşamak üçin iýiň, iýmek üçin ýaşamaň!

☑ Dogan dost bolup bilmez, ýöne dost hemişelik dogan bolup biler.
***Benjamin Franklin.***

☑ Hakyky dostlar betbagtlykda tanalýar.

☑ Agyrýan ýeriňi aýtma, ýogsam şoňa deperler.
***Siseron.***

☑ Ähli zat saňa garşy çykýan ýaly bolup görünse, uçaryň ýeliň ugruna däl-de, ýeliň garşysyna uçýandygyny ýadyňdan çykarma.
***Genri Ford.***

☑ Kynçylyklaryň arasynda hem mümkinçilik ýatyr.
***Albert Eýnşteýn.***

☑ Ýeňlişleriň köpüsine uçrap bileris, ýöne ýeňilmeli däldiris.
***Maýa Anželu.***

☑ Her ýüze çykan kynçylyk sowgatdyr. Biz kynçylyk bolmasa, ösüp bilmezdik.
***Toni Robbins.***

☑ Biz kynçylyklary kabul edip, ony ýangyç hökmünde ulanyp, ýolumyzy dowam etdirmelidiris.
***Kendzi Miýadzawa.***

☑ Durmuşymyzda kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolup, olardan gaça durmak üçin hiç zat edip bilmeýän wagtlarymyz bolýar. Emma bu ýöne ýere bolmaýar. Diňe olary ýeňip geçenimizden soň, olaryň näme üçin peýda bolandyklaryna düşünýäris.
***Paulo Koelo.***

☑ Size zyýan berjek adamlar mydama tapylar durar. Şonda-da biraz seresap bolup, adamlara ynanmagyňyzy dowam etdiriň!

☑ Durmuşda iň kyn zat, göwnüňe degen adamlary ýatdan çykarmakdyr.
***Gabriel Markes.***




## 41-nji SKANWORD

**Orazmyrat ÇERKEZOW,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## 47-nji KROSSWORD



**DIKLIGINE:** **1.** Gaňňanyň ýa-da eýeriň gürlük berkidilýän iki kese agajynyň aşagyna goýmak üçin gat-gat edilip tikilýän keçe. **2.** Jam. **3.** Ýurdumyzda bir welaýat. **4.** «Independent Mediany» esaslandyryjy ... Sauer. **5.** «... rysgaly alnynda» (nakyl). **6.** Saçy bolmadyk. **7.** Günorta koreýaly aktýor ... Býohen. **8.** Braziliýanyň futbol topary. **9.** Gamgyn. **10.** «Buz üstünde tozan ...» (nakyl). **11.** Sorag çalyşmasy. **12.** Toýundan ýasalan uly küýze. **15.** Miwe. **19.** Russiýada bir derýa. **21.** Rus awtoulag kysymy. **25.** Gadymy däpleriň biri. **26.** Kanadanyň paýtagty. **27.** Ýaponiýanyň uly şäherleriniň biri. **28.** Däp-dessur, urp-... **29.** Kenar, gyra. **31.** Türk futbolçysy ... Güler. **33.** Aňyrsyna geçmek, ötmek. **34.** Lukmançylyk enjamy. **35.** Belli bir tebigy ýer, çäk. **40.** Saz guraly. **42.** Osman soltanlygynda bir dereje. **43.** Belli bir ugurdan işleri amala aşyrmak üçin gurama. **45.** Nemes suratkeşi ... Ferdinand. **49.** Erbiý himiki elementiniň gysga aňladylyşy. **51.** Kilogramyň gysga aňladylyşy. **52.** Müdimi, baky. **53.** Oý-... **54.** Günorta tarapy aňladýan söz. **55.** Toý-tomaşa. **59.** Sport aýakgaby. **61.** Fransuz suratkeşi Klod ... **62.** Äşgär. **63.** Welosipediň esasy bölegi. **66.** Merkezi Aziýada bir çöl. **69.** Skalýar fiziki ululyk. **70.** Sesleriň yzygiderli peselmegi ýa-da ýokarlanmagy. **75.** Akrobatlaryň, gimnastlaryň gatnaşmagynda oýunlar guralýan tomaşa jaýy. **76.** Ümsüm, rahat. **78.** Däri-derman. **80.** Süňk birleşmeleri. **81.** Baýlyk, hözir. **83.** Sitrus miwe. **84.** Seýşel arhipelagynyň iň uly adasy. **85.** Ana, hanha. **87.** Ýönekeý ýaryş ulagy. **88.** Türkmen şahyry ... Atajanow. **90.** Altyn, gyzyl. **94.** Germaniýanyň domen ady. **95.** Ýokluk görkezýän baglaýjy kömekçi.

**KESELIGINE:** **1.** Himiki element. **4.** Senegalyň paýtagty. **9.** Gadymy grek mifologiýasynda Germes hudaýynyň ogly. **12.** Fransuz krossowka brendi. **13.** Heniz ýelek çykarmadyk jüýje. **14.** Dodaklaryň çowlanyp birleşýän ýeri. **16.** Milli tagamlaryň biri. **17.** Nepalda uly köl. **18.** Afrikanyň demirgazyk-günbatarynda ýerleşýän döwlet. **20.** Organik we sintetik häsiýetli madda. **22.** Özüňden uly erkek dogan. **23.** Artykmaç. **24.** Haj zyýaraty. **26.** Norwegiýanyň taryhy senagat şäheri. **27.** Daş aralyga zyňylýan ujy demir çişli taýak. **30.** Naharyň lezzetli tagamy. **32.** Russiýada bir şäher. **36.** Daş-töweregi suw bilen gurşalan gury ýer bölegi. **37.** Aýlaryň biri. **38.** Duzy artykmaç bolan. **39.** Bejergisi kyn bolan kesel. **41.** Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy. **42.** Bary, ählisi. **44.** ...-ogul. **46.** ...-şikär. **47.** Sumer-akkad mifologiýasynda epiki gahryman. **48.** Mähriban ynsan. **50.** «Gandym ... jedeliň arasyny açmak isledimi nämemi, Öwezmyrat batyra dikanlap sorag berdi» (A. Gowşudow «Perman» romany). **52.** Ýüregiň diwaryny emele getirýän daşky gatlak. **56.** Eger (köne söz). **57.** Eliň tirsek bilen goşar aralygy. **58.** Reňk. **60.** Aý (köne söz). **64.** Gyz dogan. **65.** Edermen, mert ýigit. **67.** Uklaman ýatan. **68.** Diräp söýget etmek üçin peýdalanylýan agaç. **71.** Himiki elementiň örän kiçi bölejigi. **72.** ...-nyşan. **73.** Rus modeli we aktrisasy ... Şeýk. **74.** Alpinizm egin-eşigini öndürýän britan kompaniýasy. **75.** Italiýada bir şäher. **77.** Baglaýjy kömekçi. **79.** At (köne söz). **81.** Daşary ýurt adam ady. **82.** Kiçi deňiz leňňeçleriniň umumy ady. **84.** Özbaşdak hojalyk. **86.** Diliň düzümine girýän sözleriň jemi. **89.** Ýapon aýdymçysy we aýdym ýazyjysy. **91.** Maý, çeme. **92.** Ümlük. **93.** Papua Täze Gwineýanyň regbi ligasynyň professional oýunçy ... Gebbi. **96.** Amerikan aktrisasy ... Dern. **97.** «... barynda – ogul ýaş, aga barynda ini ýaş» (Paýhas çeşmesi). **98.** Oglan ady. **99.** Wada, äht.

**Döwlet MÖWLAMMYRADOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## SÖZ GOÝMAK



**3 HARPLY:** BMW, saç, syr, mis, däp.
**4 HARPLY:** Dior, emaý, borş, lord, alaw, Riga, açar, Oslo, bede, mors.
**5 HARPLY:** Harço, anbar, ~~ýüwse,~~ rumba, Heops, edaly, slýab, Gabon, şelpe, mesge, pudel, arwah, eşret, çyrla, kelte, külçe, eýsem.
**6 HARPLY:** Hartum, monarh, egerde, çyrlak.
**7 HARPLY:** Marengo, duralga.
**9 HARPLY:** böwürslen, Horwatiýa.

46-njy krosswordyň jogaby:



40-njy skanwordyň jogaby:



# 2-nji duşuşyklar geçirildi

AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşynda «B» toparçada çykyş edýän ýurdumyzyň «Altyn asyr» topary Aşgabatda Bahreýniň «Al-Haldiýa» toparyny kabul etdi. Çekeleşikli geçen oýunda myhmanlar 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşykdaky ýeke-täk goly 45+4-nji minutda Bellatreçe derweză girizdi.



Toparçadaky beýleki oýunda Yragyň «Al-Kuwa Al-Jawiýa» topary myhmançylykda Saud Arabystanynyň «Al Taawun» toparyny 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «A» toparçada Kataryň «Al-Wakrah» topary myhmançylykda Täjigistanyň «Rawşon Klub» toparyny 1–0 hasabynda ýeňdi.

«C» toparçada Täjigistanyň başga bir topary «Istiklol» Eýranda «Sepahan» toparyndan 4–0 hasabynda asgyn geldi. «Şarjah» bilen «Al-Wehdat» toparlarynyň arasyndaky oýunda bolsa ýeňiş gazanan bolmady.

«D» toparçadaky 2 duşuşykda-da ýer eýeleri 2–1 hasaplar bilen ýeňiş gazandy. Özbegistanyň «Nasaf» topary BAE-niň «Şabab Al Ahli» toparyny garşydaşynyň 1–0 öňe saýlanandygyna garamazdan, soňky 10 minutda Maruşiçiň geçiren gollary esasynda utmagy başardy.

**GÜNBATAR SEBITI**

**«A»:** Rawşon Klub (Täjigistan) — Al-Wakrah (Katar): 0–1, Traktor (Eýran) — Mohun Bagan (Hindistan) (soňa goýuldy)

**«B»:** Altyn asyr (Türkmenistan) — Al-Haldiýa (Bahreýn): 0–1, Al Taawun (S. Arabystany) — Al-Kuwa Al-Jawiýa (Yrak): 1–2

**«C»:** Sepahan (Eýran) — Istiklol (Täjigistan): 4–0, Şarjah (BAE) — Al-Wehdat (Iordaniýa): 2–2

**«D»:** Nasaf (Özbegistan) — Şabab Al Ahli (BAE): 2–1, Al-Hussein Irbid (Iordaniýa) — Al Kuwait (Kuweýt): 2–1

# ARAP KLUBLARY ÜSTÜN ÇYKDY

AFK Çempionlar Ligasy Elite ýaryşynda 2-nji duşuşyklarda Günbatar sebitde «Al Hilal» öz meýdançasynda Yragyň «Al-Şorta» toparyny 5-0 hasabynda ýeňdi. Er-riýadlylara ýeňiş getiren gollary Leonardo, Mitrowiç, S. Al-Dawsari, N. Al-Dawsari hem-de Kanno geçirdi. «Al Nassr» hem öz meýdançasynda Kataryň



«Al Raýýan» toparyny Mane we Ronaldonyň gollary esasynda 2–1 hasap bilen utdy. Saud Arabystanynyň başga bir topary «Al-Ahli» hem tapgyry ýeňiş bilen tamamlady. Jidda şäheriniň wekili Dubaýda «Al Wasl» toparyndan Mahrez hem-de Ibanýesiň gollary esasynda 2–0 hasabynda üstün çykdy. Kataryň «Al-Garafa» toparynyň BAE-niň «Al Ain» toparyny 4–2 hasap bilen ýeňen oýnunda ýer eýeleriniň 2 goluny ispaniýaly Hoselu geçirdi. 2-nji oýunlardan soň «Al Hilal» bilen «Al-Ahli» 6 utuk bilen sanawyň öňdäki 2 ornuny eýeleýär.

Gündogar sebitinde koreýleriň «Gwanžu» topary 2-nji tapgyrda-da ýeňiş gazanan ýeke-täk topar bolup, olar myhmançylykda Ýaponiýanyň «Kawasaki Frontal» toparyny Asaniniň (21 p) goly bilen 1-0 hasabynda utdy. Bu tapgyrda hytaý klublarynyň 3-si hem ýeňlişe sezewar bolup, Şanhaý şäheriniň klublary derwezelerinden jogapsyz 3 gol geçirtdi. Ýaponlaryň «Ýokohama F. Marinos» topary öz meýdançasynda koreýleriň «Ulsan HD» toparyny 4-0 hasabynda ýeňdi.

Indiki duşuşyklar 21-22-23-nji oktýabrda oýnalar.

**GÜNBATAR SEBITI**

**2-nji duşuşyklar:** Al Sadd (Katar) — Esteglal (Eýran): 2–0, Persepolis (Eýran) — Pahtakor (Özbegistan): 1–1, Al Wasl (BAE) — Al-Ahli (S. Arabystany): 0–2, Al Nassr (S. Arab) — Al-Raýýan (Katar): 2–1, Al-Garafa (Katar) — Al Ain (BAE): 4–2, Al Hilal (S. Arabystany) — Al-Şorta (Yrak): 5–0

**GÜNDOGAR SEBITI**

**2-nji duşuşyklar:** Sentral Koast Mariners (Awstraliýa) — Buriram Ýunaýted (Tailand): 1–2, Kawasaki Frontal (Ýaponiýa) — Gwanžu (G. Koreýa): 0–1, Phohan Stilers (G. Koreýa) — Şanhaý Port (Hytaý): 3–0, Johor Darul Ta'zim (Malaýziýa) — Şanhaý Şenhua (Hytaý): 3–0, Wissel Kobe (Ýaponiýa) — Şandon Taişan (Hytaý): 2–1, Ýokohama F. Marinos (Ýaponiýa) — Ulsan HD (G. Koreýa): 4–0

# Horge Martin arany açýar

Moto GP boýunça möwsümiň 15-nji ýaryşy Indoneziýanyň Lombok adasyndaky halkara Pertamina Mandalika trassasynda geçirildi. 27 aýlawdan ybarat ýaryşda «Prima Pramac» toparynyň ispan piloty Horge Martin ýeňiş gazandy. Bu onuň şu möwsümdäki 3-nji, karýerasyndaky 8-nji ýeňşidir. Ýaryşda ýeňijiden 1,404 sekunt yza galan «Red Bull GASGAS Tech3» toparynyň ispan sürüjisi Pedro Akosta 2-nji ýeri eýeledi. Soňky çempion, «Ducati Lenovo» toparynyň italýan piloty Françesko Banaia ýeňijiden 5,595 sekunt giç pellehanadan geçdi we 3-nji orna mynasyp boldy.

Çempionlygyň dalaşgärlerinden Italiýaly Enea Bastianini («Ducati Lenovo») bilen ispaniýaly Mark Markes («Gresini») ýaryşy tamamlap bilmediler.

15-nji «Gran Priden» soň Horge Martin 366 utuk bilen sanawyň başyny çekip gelýär. 2-nji ýerdäki Françesko Banaianyň 345, 3-nji orundaky Enea Bastianininiň 291 utugy bar.

Möwsümiň indiki ýaryşy 6-njy oktýabrda Ýaponiýada geçiriler.



# Çempionyň 4-nji ýeňşi

Dünýä Ralli çempionatynda möwsümiň 11-nji ýaryşy Çiliniň Konsepsion şäherinde geçirildi. 16 tapgyrdan ybarat bolan 307,48 kilometrlik ýaryşda soňky 2 ýylyň çempiony Kalle Rowanpera ýeňiji boldy. «Toyota Gazoo» toparynyň fin sürüjisi ýaryşy 2 sagat 58 minut 59,8 sekuntda tamamlap, möwsümdäki 4-nji, karýerasyndaky 15-nji ýeňşini gazandy.

Ýaryşda toparyň başga bir sürüjisi, britaniýaly Elfin Ewans 2-nji, «Hyundai Shell Mobis» toparynyň estoniýaly piloty Ott Tanak 3-nji orny eýeledi. Sanawyň lideri, «Hyundai Shell Mobis» toparynyň belgiýaly sürüjisi Tierri Noýwill 4-nji orna mynasyp boldy.

Möwsümiň tamamlanmagyna 2 ýaryş galanda, Tierri Noýwill 207 utuk bilen liderligini saklap gelýär. 2-nji ýerdäki Ott Tanagyň 178, fransiýaly Sebastien Ožieniň («Toyota Gazoo») 166 utugy bar.

Dünýä Ralli çempionatynyň 14-nji ýaryşy Merkezi Ýewropa Rallisi 17–20-nji oktýabr aralygynda Germaniýanyň Bawariýa welaýatynda geçiriler.



# ULY HASAPLY ÝEŇIŞLER

UEFA Çempionlar Ligasynda 2-nji tapgyryň duşuşyklary geçirildi. Tapgyryň iň ýatda galan netijesi Dortmundda hasaba alyndy. «Borussiýa» topary öz meýdançasynda «Seltik» toparyndan 7-1 hasabynda üstün çykdy. 7-nji minutda Emre Janyň penalti goluna 9-njy minutda Maeda bilen jogap beren şotlandlar Adeýemi hem-de Girassini durzup bilmediler. 11-nji, 29-njy we 42-nji minutlarda tapawutlanan Karim Adeýemi het-trik etdi. Girassi bolsa 40-njy (p) hem-de 66-njy minutlarda topy derweză girizdi. 79-njy minutda toparynyň 7-nji goluny geçiren Nmeça oýna soňky nokady goýdy.





UEFA Çempionlar Ligasyna ilkinji gezek gatnaşýan Fransiýanyň «Brest» topary 2-nji duşuşygynda-da ýeňiş gazandy. 1-nji oýunda öz meýdançasynda «Şturm Grasy» 2–1 hasabynda ýeňen «Brest» myhmançylykda Awstriýanyň beýleki topary «RB Salsburgyň» derwezesinden jogapsyz 4 pökgi girizdi. Fransuz klubuna ýeňiş getiren gollary Sima (21,70), Kamara (66) bilen Pereira Lage (75) geçirdi.

**RONALDODAN SOŇ LEWANDOWSKI**

1-nji duşuşygynda «Monakodan» asgyn gelen «Barselona» öz meýdançasynda «Ýang Boýzy» 5-0 hasabynda uly hasap bilen ýeňlişe sezewar etdi. 5–0 hasabynda ýeňiş gazanan katalonlaryň gollarynyň 2-sini Robert Lewandowski geçirdi. 8-nji we 51-nji minutlarda tapawutlanan polşaly hüjümçi 30 ýaşdan soň 50-nji we 51-nji gollaryny derweză girizdi. Ol 30 ýaşdan soň iň köp gol geçiren 2-nji futbolçy bolup, ondan öňde 68 gol salan Kristiano Ronaldo bar. Şeýle-de Lewandowski Ronaldodan soň 3 dürli toparda («Borussiýa D» – 17, «Bawariýa» – 69, «Barselona» – 10) azyndan 10 gol geçiren 2-nji futbolçy hökmünde hasaba alyndy. Ol umumylykda 96 gol bilen Ronaldodyr Messiden soň 3-nji orunda barýar. Duşuşykda «Barselonanyň» beýleki gollaryny 34-nji minutda Rafinýa, 37-nji minutda Inýigo Martines hem-de 81-nji minutda Kamara (ö.d.) geçirdi.



Italiýanyň Milan şäheriniň 2 klubunyň biri ýeňse, beýlekisi ýeňlişe sezewar boldy. «Inter» öz meýdançasynda Serbiýanyň «Srwena Zwezda» toparynyň derwezesinden jogapsyz 4 gol geçirdi. 1-nji ýarymda Hakan Çalhanoglunyň jerime urgusyndan geçiren owadan goly bilen hasaba açan italýan kluby 2-nji ýarymda hüjümçileriniň – Arnautowiçiň (59), Lautara Martinesiň (71) hem-de Tareminiň (81 p) gollary esasynda ýeňşini baýram etdi. Arnautowiçiň hem-de Martinesiň gollarynyň paslaryny Mehdi Taremi berip, ol duşuşygyň ýyldyzy diýlip saýlandy.

Milan şäheriniň adybir kluby «Milan» myhmançylykda «Baýer» bilen duşuşyp, iň kiçi hasap bilen utuldy. Lewerkuzenlilere ýeňiş getiren ýeke-täk goly 51-nji minutda Bonifeýs derweză girizdi. «Milanly» futbolçylaryň ençeme urgusyny derwezeçi Hradeki sowmagy başardy. Şunlukda, «Milan» 2-nji duşuşygynda ýeňlişe sezewar boldy.

**41-nji DUŞUŞYGYNDA 42-nji GOLY**

«Mançester Siti» myhmançylykda «Slowan Bratislawany» 4–0 hasabynda utdy. «Mançester Sitiniň» gollaryny Gündogan (8), Foden (15), Holann (58) bilen MakAti (74) geçirdi. Norwegiýaly hüjümçi Holann Çempionlar Ligasyndaky 41-nji duşuşygynda 42-nji goluny derweză girizdi.

PSW – «Sporting», «Şutgart» – «Sparta Praga» duşuşyklary 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy.

**36 OÝUNDAN SOŇ ÝEŇILDI**

Soňky çempion «Real Madrid» myhmançylykda Fransiýanyň «Lill» toparyndan Jonatan Dewidiň 45+3-nji minutda penaltiden geçiren goly esasynda 1–0 hasabynda asgyn geldi. «Real Madrid» bu ýaryşda 14 oýundan



soň ýeňlişe sezewar boldy. «Real Madrid» ähli ýaryşlary hasaba alanyňda, 36 oýundan soň ýeňildi. Ançelottiniň şägirtleri soňky gezek ýanwar aýynda utulyp, klubuň rekordyna 4 oýun galypdy.

**SOŇKY GEZEGEM 7 ÝYL ÖŇ EMERI ÝEŇIPDI**

Edil şonuň ýaly tapgyryň ýene bir garaşylmadyk netijesi Angliýada hasaba alnyp, «Aston Willa» öz meýdançasynda «Bawariýany» 1–0 hasabynda utdy. Ýeke-täk goly 79-njy minutda Jon Duran geçirdi. Iki topar mundan öňem 1982-nji ýylyň finalynda duşuşypdy we şonda-da «Aston Willa» 1–0 hasabynda ýeňipdi. Şeýlelikde, «Bawariýa» bu ýaryşyň ozalky toparçalaýyn, häzirki liga tapgyrynda 41 oýundan soň ilkinji gezek utuldy. «Bawariýany» soňky gezek hem «Aston Willanyň» häzirki tälimçisi Unaý Emeri 7 ýyl ozal, 2017-nji ýylda-da PSŽ bilen utupdy (3-0). Emeri portugaliýaly Žoze Mouriniodan soň «Bawariýany» 3 dürli topar bilen ýeňen 2-nji tälimçi boldy.

**IŇ KÖP GOL GEÇIREN AFRIKALY FUTBOLÇY**

Angliýanyň «Liwerpul» topary «Milandan» soň başga bir italýan kluby «Bolonýany» hem ýeňip, garşydaşyndan 2–0 hasabynda üstün çykdy. «Liwerpulyň» gollaryny 11-nji minutda Mak Allister bilen 75-nji minutda Mohamed Salah geçirdi. Salah UÇL-de 45-nji goluny geçirip, Didie Drogbadan öňe saýlandy we bu ýaryşyň iň netijeli afrikaly futbolçysy boldy.



Portugaliýada «Benfika» ispan kluby «Atletikonyň» derwezesinden jogapsyz 4 gol girizdi. Gollary Aktürkoglu, Di Mariýa, Ba hem-de Kökçü geçirdi. Aktürkoglu bilen Kökçü 1-nji duşuşykda tapawutlanypdy.

Çekeleşikli geçen oýunda «Leipsig» Şeşkonyň gollary bilen 2 gezek öňe saýlansa-da, soňky ýarym sagady 1 oýunçy kem oýnan (derwezeçisi De Gregorio gyzyl kart aldy) «Ýuwentus» edil çempionatyň soňky tapgyryndaky ýaly Wlahowiçiň 2, Konseýsaunyň 1 goly esasynda 3–2 hasabynda ýeňşini baýram etdi.

«Žirona» topary öz meýdançasynda «Feýenoorddan» 3–2 hasabynda utulyp, ispan klubunyň derwezesinden 2 goly öz oýunçylary geçirdi. «Žirona» UÇL-de yzly-yzyna 2 oýunda awtogollar esasynda utulan ilkinji topar boldy.

Öz meýdançasynda «Monakony» kabul eden «Dinamo Zagreb» 2–0 öňe saýlansa-da, olara bu üstünligini saklamak başartmady we duşuşyk 2–2 hasabynda deňlikde tamamlandy.

«Atalanta» myhmançylykda «Şahtýoryň» derwezesinden jogapsyz 3 gol girizdi. Duşuşykda Ademolu Lukman 1 gol geçirip, 1 goluň pasyny berdi. «Klub Brýugge» bolsa myhmançylykda «Şturm Grasdan» Solisiň ýeke-täk goly esasynda üstün çykmagy başardy.

**2-nji DUŞUŞYKLARYŇ NETIJELERI:**

**RB SALSBURG – BREST: 0-4**
(Sima 21, 70, Kamara 66, Pereira Lage 75)
**ŞTUTGART – SPARTA PRAGA: 1-1**
(Millo 7 — Kairinen 32)
**ARSENAL – PSŽ: 2-0** (Hawerts 20, Saka 35)
**BAÝER – MILAN: 1-0** (Bonifeýs 1)
**BORUSSIÝA DORTMUND – SELTIK: 7-1**
(Jan 7 p, Adeýemi 11, 29, 42, Girassi 40 p, 66, Nmeça 79 — Maeda 9)
**BARSELONA – ÝANG BOÝZ: 5-0**
(Lewandowski 8, 51, Rafinýa 34, Martines 37, Kamara 81 ö.d.)
**INTER – SRWENA ZWEZDA: 4-0** (Çalhanoglu 11, Arnautowiç 59, L. Martines 71, Taremi 81 p)
**PSW – SPORTING: 1-1**
(Shouten 15 — Bragansa 84)
**SLOWAN BRATISLAWA – MANÇESTER SITI: 0-4**
(Gündogan 8, Foden 15, Holann 58, MakAti 74)
**ŞAHTÝOR DONESK – ATALANTA: 0-3**
(Džimsiti 21, Lukman 33, Bellanowa 48)
**ŽIRONA – FEÝENOORD: 2-3**
(Lopes 19, Wan de Beek 73 — Herrera 23 ö.d., Milambo 33, Kreýçi 79 ö.d.)
**ASTON WILLA – BAWARIÝA: 1-0** (Jon Duran 79)
**DINAMO ZAGREB – MONAKO: 2-2**
(Suçiç 45+3, Baturina 66 — Salisu 74, Zakariýa 90 p)
**LIWERPUL – BOLONÝA: 2-0**
(Mak Allister 11, Salah 75)
**LILL – REAL MADRID: 1-0** (Dewid 45+3 p)
**LEIPSIG – ÝUWENTUS: 2-3**
(Şeşko 30, 65 p — Wlahowiç 50, 68, Konseýsau 82)
**ŞTURM GRAS – KLUB BRÝUGGE: 0-1** (Solis 23)
**BENFIKA – ATLETIKO: 4-0**
(Aktürkoglu 13, Di Mariýa 52 p, Ba 75, Kökçü 84 p)








**HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY**

*4-nji oktýabr (anna)*
Napoli – Komo (21:30)
Marsel – Anže (23:45)
Leganes – Walensiýa (00:00)

*5-nji oktýabr (şenbe)*
K. Palas – Liwerpul (16:30)
Baýer – Holştaýn (18:30)
Union Berlin – Borussiýa D (18:30)
Arsenal – Southempton (19:00)
Man. Siti – Fulham (19:00)
Inter – Torino (23:45)
**Real Madrid – Wilýarreal (00:00)**

*6-njy oktýabr (ýekşenbe)*
Ýuwentus – Kaliari (15:30)
Žirona – Atletik (17:00)
**A. Willa – M. Ýunaýted (18:00)**
Çelsi – N. Forest (18:00)
Alawes – Barselona (19:15)
Braýton – Tottenham (20:30)
**Aýntraht – Bawariýa (20:30)**
Monza – Roma (21:00)
Dinamo – SSKA (21:00)
**Sewilýa – Betis (21:30)**
**Fiorentina – Milan (23:45)**
Nissa – PSŽ (23:45)
R. Sosiedad – Atletiko (00:00)

**PREMIER LEAGUE (6) — 34 gol**

**Nýukasl—Man. Siti: 1–1** (Gordon 57 p — Gwardiol 35), **Arsenal—Lester: 4–2** (Martinelli 20, Trossar 45+1, 90+4, Hawerts 90+10 — Jastin 47, 63), **Brentford—West Ham: 1–1** (Mbemo 1 — Souçek 54), **Çelsi—Braýton: 4–2** (Palmer 21, 28 p, 31, 41 — Rütter 7, Baleba 34), **Ewerton—K. Palas: 2–1** (Maknil 47, 54 — Gehi 10), **N. Forest—Fulham: 0–1** (Himenes 51 p), **Wulwerhempton—Liwerpul: 1–2** (Aýt-Nuri 56 — Konate 45+2, Salah 61 p), **Ipswiç—Aston Willa: 2–2** (Delap 8, 72 — Rojers 15, Watkins 32), **M. Ýunaýted—Tottenham: 0–3** (Jonson 3, Kuluşewski 47, Solanke 77), **Bornmut—Southempton: 3–1** (Ewanilson 17, Uattara 32, Semenýo 38 — Harwud-Bellis 51)

**LA LIGA (8) — 27 gol**

**Walýadolid—Malýorka: 1–2** (Sançes 90+4 — Larin 59, Fernandes 83), **Hetafe—Alawes: 2–0** (Arambarri 42, Miliýa 58 p), **R. Wallekano—Leganes: 1–1** (Kamelýo 8 — Krus 55), **R. Sosiedad—Walensiýa: 3–0** (Kubo 8, Oskarsson 80, 90+2), **Osasuna—Barselona: 4–2** (Budimir 18, 72 p, Zaragoza 28, Bretones 85 — Pau Wiktor 53, Ýamal 89), **Selta—Žirona: 1–1** (Ýago Aspas 81 — Herrera 38), **Atletik—Sewilýa: 1–1** (Hauregisar 36 — Padilýa 90+3 ö.d.), **Betis—Espanýol: 1–0** (Lo Çelso 85), **Atletiko—Real Madrid: 1–1** (Korrea 90+5 — Militao 64), **Wilýarreal—Las Palmas: 3–1** (Pepe 45, Barri 84, Baena 90+7 — Fabio Silwa 47)

**SERIE A (6) — 33 gol**

**Milan—Leççe: 3–0** (Morata 38, Hernandes 41, Pulişiç 43), **Udineze—Inter: 2–3** (Kabasele 35, Lukka 83 — Frattezi 1, Martines 45+3, 47), **Jenoa—Ýuwentus: 0–3** (Wlahowiç 48 p, 55, Konseýsau 89), **Bolonýa—Atalanta: 1–1** (Kastro 46 — Samaržiç 90), **Torino—Lasio: 2–3** (Adams 67, Koko 90+2 — Genduzi 8, Dia 60, Noslin 89), **Komo—Werona: 3–2** (Kutrone 43, 72, Belotti 89 — Lazowiç 53 p, Lamburd 90+4), **Roma—Wenesiýa: 2–1** (Kristante 74, Pizilli 83 — Pohýanpalo 44), **Empoli—Fiorentina: 0–0, Napoli—Monza: 2–0** (Politano 22, Kwarasheliýa 33), **Parma—Kaliari: 2–3** (Man 62, Ernani 87 p — Zortea 34, Marin 75, Pikkoli 88)

**BUNDESLIGA (5) — 35 gol**

**Borussiýa D—Bohum: 4–2** (Girassi 44, 75, Jan 62 p, Nmeça 81 — Bero 16, De Wit 21), **Leipsig—Augsburg: 4–0** (Şeşko 11, 15, Openda 46, Simons 57), **Fraýburg—Sankt-Pauli: 0–3** (Saad 12, 72, Afolaýýan 45), **Wolfsburg—Şutgart: 2–2** (Winn 20, Amura 68 — Miýo 32, Undaw 90+7), **Maýns—Haýdenhaým: 0–2** (Piringer 16, Şöppner 86), **Borussiýa M—Union Berlin: 1–0** (Çwançara 90+6), **Bawariýa—Baýer: 1–1** (Pawlowiç 39 — Andrih 31), **Holştaýn—Aýntraht: 2–4** (Matino 30 p, 50 — Marmuş 25, 65, Matanowiç 58, Tuta 74), **Hoffenhaým—Werder: 3–4** (Bülter 5, 8, Gložek 12 — Malatini 21, Stage 26, 39, 49)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LIWERPUL | 6 | 5 | 0 | 1 | 12-2 | 15 |
| 2 | MAN. SITI | 6 | 4 | 2 | 0 | 14-6 | 14 |
| 3 | ARSENAL | 6 | 4 | 2 | 0 | 12-5 | 14 |
| 4 | ÇELSI | 6 | 4 | 1 | 1 | 15-7 | 13 |
| 5 | ASTON WILLA | 6 | 4 | 1 | 1 | 12-9 | 13 |
| 6 | FULHAM | 6 | 3 | 2 | 1 | 8-5 | 11 |
| 7 | NÝUKASL | 6 | 3 | 2 | 1 | 8-7 | 11 |
| 8 | TOTTENHAM | 6 | 3 | 1 | 2 | 12-5 | 10 |
| 9 | BRAÝTON | 6 | 2 | 3 | 1 | 10-8 | 9 |
| 10 | N. FOREST | 6 | 2 | 3 | 1 | 6-5 | 9 |
| 11 | BORNMUT | 6 | 2 | 2 | 2 | 8-9 | 8 |
| 12 | BRENTFORD | 6 | 2 | 1 | 3 | 8-10 | 7 |
| 13 | M. ÝUNAÝTED | 6 | 2 | 1 | 3 | 5-8 | 7 |
| 14 | WEST HAM | 6 | 1 | 2 | 3 | 6-10 | 5 |
| 15 | IPSWIÇ TAWN | 6 | 0 | 4 | 2 | 5-10 | 4 |
| 16 | EWERTON | 6 | 1 | 1 | 4 | 7-15 | 4 |
| 17 | LESTER SITI | 6 | 0 | 3 | 3 | 8-12 | 3 |
| 18 | K. PALAS | 6 | 0 | 3 | 3 | 5-9 | 3 |
| 19 | SOUTHEMPTON | 6 | 0 | 1 | 5 | 3-12 | 1 |
| 20 | W. HEMPTON | 6 | 0 | 1 | 5 | 6-16 | 1 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 8 | 7 | 0 | 1 | 25-9 | 21 |
| 2 | REAL MADRID | 8 | 5 | 3 | 0 | 17-6 | 18 |
| 3 | WILÝARREAL | 8 | 5 | 2 | 1 | 17-15 | 17 |
| 4 | ATLETIKO M | 8 | 4 | 4 | 0 | 12-4 | 16 |
| 5 | ATLETIK B | 8 | 4 | 2 | 2 | 12-8 | 14 |
| 6 | MALÝORKA | 8 | 4 | 2 | 2 | 8-6 | 14 |
| 7 | OSASUNA | 8 | 4 | 2 | 2 | 12-13 | 14 |
| 8 | BETIS | 8 | 3 | 3 | 2 | 8-7 | 12 |
| 9 | R. WALLEKANO | 8 | 2 | 4 | 2 | 9-8 | 10 |
| 10 | SELTA | 8 | 3 | 1 | 4 | 15-15 | 10 |
| 11 | ALAWES | 8 | 3 | 1 | 4 | 11-12 | 10 |
| 12 | ŽIRONA | 8 | 2 | 3 | 3 | 9-11 | 9 |
| 13 | SEWILÝA | 8 | 2 | 3 | 3 | 8-10 | 9 |
| 14 | R. SOSIEDAD | 8 | 2 | 2 | 4 | 6-7 | 8 |
| 15 | HETAFE | 8 | 1 | 4 | 3 | 5-6 | 7 |
| 16 | LEGANES | 8 | 1 | 4 | 3 | 5-9 | 7 |
| 17 | ESPANÝOL | 8 | 2 | 1 | 5 | 7-12 | 7 |
| 18 | WALENSIÝA | 8 | 1 | 2 | 5 | 5-13 | 5 |
| 19 | WALÝADOLID | 8 | 1 | 2 | 5 | 4-17 | 5 |
| 20 | LAS PALMAS | 8 | 0 | 3 | 5 | 9-16 | 3 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 6 | 4 | 1 | 1 | 11-4 | 13 |
| 2 | ÝUWENTUS | 6 | 3 | 3 | 0 | 9-0 | 12 |
| 3 | MILAN | 6 | 3 | 2 | 1 | 14-7 | 11 |
| 4 | INTER | 6 | 3 | 2 | 1 | 13-7 | 11 |
| 5 | TORINO | 6 | 3 | 2 | 1 | 10-8 | 11 |
| 6 | EMPOLI | 6 | 2 | 4 | 0 | 5-2 | 10 |
| 7 | LASIO | 6 | 3 | 1 | 2 | 12-10 | 10 |
| 8 | UDINEZE | 6 | 3 | 1 | 2 | 9-10 | 10 |
| 9 | ROMA | 6 | 2 | 3 | 1 | 7-4 | 9 |
| 10 | KOMO | 6 | 2 | 2 | 2 | 9-11 | 8 |
| 11 | FIORENTINA | 6 | 1 | 4 | 1 | 7-7 | 7 |
| 12 | ATALANTA | 6 | 2 | 1 | 3 | 11-12 | 7 |
| 13 | BOLONÝA | 6 | 1 | 4 | 1 | 7-9 | 7 |
| 14 | WERONA | 6 | 2 | 0 | 4 | 10-11 | 6 |
| 15 | PARMA | 6 | 1 | 2 | 3 | 10-12 | 5 |
| 16 | KALIARI | 6 | 1 | 2 | 3 | 4-10 | 5 |
| 17 | JENOA | 6 | 1 | 2 | 3 | 4-10 | 5 |
| 18 | LEÇÇE | 6 | 1 | 2 | 3 | 3-11 | 5 |
| 19 | WENESIÝA | 6 | 1 | 1 | 4 | 4-10 | 4 |
| 20 | MONZA | 6 | 0 | 3 | 3 | 4-8 | 3 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 5 | 4 | 1 | 0 | 17-4 | 13 |
| 2 | AÝNTRAHT | 5 | 4 | 0 | 1 | 11--6 | 12 |
| 3 | LEIPSIG | 5 | 3 | 2 | 0 | 8--2 | 11 |
| 4 | BAÝER | 5 | 3 | 1 | 1 | 14-10 | 10 |
| 5 | BORUSSIÝA D | 5 | 3 | 1 | 1 | 11--9 | 10 |
| 6 | HAÝDENHAÝM | 5 | 3 | 0 | 2 | 10--7 | 9 |
| 7 | FRAÝBURG | 5 | 3 | 0 | 2 | 8--7 | 9 |
| 8 | ŞTUTGART | 5 | 2 | 2 | 1 | 14-10 | 8 |
| 9 | UNION BERLIN | 5 | 2 | 2 | 1 | 4--3 | 8 |
| 10 | WERDER | 5 | 2 | 2 | 1 | 8--11 | 8 |
| 11 | BORUSSIÝA M | 5 | 2 | 0 | 3 | 6--8 | 6 |
| 12 | MAÝNS | 5 | 1 | 2 | 2 | 8--10 | 5 |
| 13 | WOLFSBURG | 5 | 1 | 1 | 3 | 10--11 | 4 |
| 14 | SANKT-PAULI | 5 | 1 | 1 | 3 | 4--6 | 4 |
| 15 | AUGSBURG | 5 | 1 | 1 | 3 | 7--14 | 4 |
| 16 | HOFFENHAÝM | 5 | 1 | 0 | 4 | 8--15 | 3 |
| 17 | BOHUM | 5 | 0 | 1 | 4 | 5--11 | 1 |
| 18 | HOLŞTAÝN | 5 | 0 | 1 | 4 | 7--17 | 1 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 10 |
| 2 | Koul PALMER (Çelsi) | 6 |
| 3 | Brian MBEMO (Brentford) | 5 |
| 4 | Luiz DIAZ (Liwerpul) | 5 |
| 5 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 4 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 7 |
| 2 | Aýose PERES (Wilýarreal) | 6 |
| 3 | Jowani LO ÇELSO (Betis) | 5 |
| 4 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 5 |
| 5 | RAFINÝA (Barselona) | 5 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Patrik KUTRONE (Komo) | 4 |
| 2 | Mateo RETEGI (Atalanta) | 4 |
| 3 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 4 |
| 4 | Kristian PULIŞIÇ (Milan) | 4 |
| 5 | Markus TURAM (Inter) | 4 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Omar MARMUŞ (Aýntraht) | 6 |
| 2 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 5 |
| 3 | Andreý KRAMARIH (Hoffenhaým) | 4 |
| 4 | Ermedin DEMIROWIÇ (Ştutgart) | 4 |
| 5 | Florian WIRTS (Baýer) | 4 |

# ÝEWROPANYŇ ÖŇDEBARYJY ÇEMPIONATLARYNDA

**Angliýanyň çempionatynda** myhmançylykda autsaýder «Wulwerhemptony» Konate hem-de Salahyň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňen «Liwerpul» 1-nji orna beýgeldi. Soňky çempion «Mançester Siti» myhmançylykda «Nýukasl» bilen duşuşyp, 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. «Arsenal» öz meýdançasynda 90-njy minutdan soň 2 gol geçirip, «Lester Sitiden» 4–2 hasabynda üstün çykdy. Londonlylaryň gollarynyň 2-sini Trossar, beýlekileri-de Martinelli bilen Hawerts geçirdi. Bu möwsümde-de şowsuzlygy dowam edýän «Mançester Ýunaýted» öz meýdançasynda «Tottenhamdan» 3–0 hasabynda asgyn geldi. London toparyna ýeňiş getiren gollary Jonson (3), Kuluşewski (47) hem-de Solanke (77) geçirdi. Duşuşygyň 42-nji minutynda Bruno Fernandeş gyzyl kart alyp, ol «Ýunaýtedde» ilkinji gezek meýdançadan çykaryldy. «Kristal Palasy» Makniliň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňen «Ewerton» möwsümdäki ilkinji ýeňşini gazandy. «Çelsi» öz meýdançasynda «Braýtony» 4–2 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda «Çelsiniň» gollarynyň 4-sini hem 1-nji ýarymda 20 minutyň dowamynda Koul Palmer geçirdi. Ol duşuşygyň 21-nji, 28-nji (p), 31-nji hem-de 41-nji minutlarynda tapawutlandy. Palmer APL-de bir duşuşygyň 1-nji ýarymynda 4 gol geçiren ilkinji futbolçy boldy.



**Germaniýanyň çempionatynda** tapgyryň merkezi duşuşygynda ýeňiş gazanan bolman, «Bawariýa» öz meýdançasynda «Baýer» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. Ýer eýeleri myhmanlardan Andrihiň 31-nji minutdaky goluna 39-njy minutda Pawlowiçiň goly bilen jogap berdi. «Bawariýa» möwsümde ilkinji gezek utuk ýitirdi. 7 goluň geçirilen oýnunda «Werder» myhmançylykda «Hoffenhaýmy» garşydaşynyň ilkinji 12 minutda 3 gol geçirendigine garamazdan, 4–3 hasabynda ýeňşini baýram etdi. «Hoffenhaým» Bülter (2) we Gložegiň gollary bilen öňe saýlanyp, 18-nji minutda topar 1 oýunçy kem galdy. «Werder» 1-nji ýarym tamamlanmanka hasaby deňläp, Stage duşuşykda het-trik etdi. Öz meýdançasynda «Bohumy» kabul eden «Borussiýa Dortmund» garşydaşynyň 2–0 öňe saýlanandygyna garamazdan, 4–2 hasabynda ýeňiş gazanmagy başardy. Dortmundlylarda täze transfer Girassi 2 gezek tapawutlandy.

**Italiýanyň çempionatynda** yzly-yzyna golsuz 3 deňlikden soň «Ýuwentus» myhmançylykda «Jenoany» Wlahowiçiň hem-de Konseýsaunyň gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňdi. 6 oýunda 9 gol geçiren «Ýuwentus» topary Şotlandiýanyň «Seltik» kluby bilen Ýewropada gol geçirtmedik 2 topardyr. «Monzany» Politano we Kwarasheliýanyň gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňen «Napoli» 1-nji orna beýgeldi. «Milan» topary öz meýdançasynda «Leççeden» Moratanyň, Hernandesiň hem-de Pulişiçiň 1-nji ýarymyň ahyrlarynda 5 minutda geçiren gollary bilen 3–0 hasabynda üstün çykdy. Soňky çempion «Inter» myhmançylykda Lautara Martinesiň 2 gol geçiren oýnunda «Udinezeni» 3–2 hasabynda utdy.



**Ispaniýanyň çempionatynda** tapgyryň merkezi oýnunda, Madrid derbisinde ýeňiş gazanan bolmady. Myhmançylykda «Atletiko» bilen duşuşan «Real» 64-nji minutda Militaonyň goly esasynda öňe saýlandy. Ýöne şol pursatdan soň «atletikoly» janköýerler meýdança dürli zatlary zyňyp başladylar. Ahyrynda emin oýny togtatmaly boldy. 15 minutlyk arakesmeden soň galan ýerinden başlan oýnuň 90+5-nji minutynda Anhel Korrea hasaby deňledi. Oýnuň ahyrynda-da «Atletikodan» Llorente gyzyl kart aldy. Şunlukda, duşuşyk 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy. «Real Madrid» çempionatdaky ýeňlişsiz ýörişini 40 oýna ýetirip, «Barselonanyň» rekordyna ýene bir ädim golaýlady. Şol bir wagtyň özünde «Reala» «Atletikony» çempionatda 4, umumylykda-da esasy wagtda 7 oýundan bäri ýeňmek başardanok. Sanawyň lideri «Barselona» myhmançylykda «Osasuna» bilen duşuşyp, 4–2 hasabynda asgyn geldi. Möwsüme şowly başlan «Osasunanyň» gollaryny Budimir (2), Saragosa hem-de Bretones geçirdi. «Barselonada» Pau Wiktoryň hem-de Ýamalyň gollary ýeňşe ýetmedi we katalonlar çempionatda ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy. «Betis» öz meýdançasynda «Espanýoly» argentinaly oýunçysy Jowani Lo Çelsonyň ýeke-täk goly bilen ýeňmegi başardy. Lo Çelso bassyr 4-nji duşuşygynda 5-nji goluny geçirdi.



CNPC

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА
СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ
ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!**

6 октября в Туркменистане скорбная дата – день всенародного поминовения жертв Ашхабадского землетрясения 1948 года, а также героев, павших на полях сражений всех войн.

Память – главная составляющая духовной жизни народа, она соединяет поколения людей, наполняет жизнь особым, сокровенным смыслом, позволяет, соприкоснувшись с прошлым, осознать своё настоящее и уверенно взглянуть в будущее.

В День памяти, который ещё более укрепляет единство и сплочённость туркменского народа. Ваши инициативы также способствуют укреплению мира и дружбы во всём мире. Всё это является подтверждением того, что Вы на государственном уровне придаёте особое значение совершенствованию общества на основе благородных гуманистических национальных традиций.

Пройдя через тяжелейшие испытания своей истории, народ возродил любимый Ашхабад и продолжает преобразовывать его в красивейший город Земли, столицу мира, спокойствия, счастья и благополучия. Особенно прекрасен он в нынешнюю эпоху благодаря целенаправленной реализации градостроительной программы, инициированной Президентом страны, а впереди у нашей столицы – ещё более впечатляющие перспективы. И как не гордиться теми свершениями, что произошли за столь короткий по историческим меркам срок.

**Глубокоуважаемый Президент Туркменистана!** Желаем Вам крепкого здоровья, долголетия и больших успехов в Вашей благородной деятельности!

**С глубоким уважением к Вам,**

**Чэнь ХУАЙЛУН,
Генеральный директор филиала Китайской
Национальной Нефтегазовой Корпорации
«Интернационал Лтд.» (CNPC) в Туркменистане.**

# «Garagum Ulag» H. J.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Ähli uruşlarda we Aşgabat ýertitremesinde wepat bolan gahrymanlarymyzy hatyralap 6-njy oktýabrda ýurdumyzda Hatyra güni bellenilýär. 1948-nji ýylyň 6-njy oktýabrynda Aşgabatda bolan ýertitremesiniň netijesinde, müňlerçe adamyň ömür tanapy kesildi.

Biz hem gurban bolanlaryň hatyrasyna berilýän sadakalaryň kabul bolmagyny, merhumlaryň ruhlarynyň şat bolmagyny Beýik Alladan dileýäris!

Sadakalaryňyz kabul bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

nowaeco

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Ähli uruşlarda we Aşgabat ýertitremesinde wepat bolan gahrymanlarymyzy hatyralap 6-njy oktýabrda ýurdumyzda Hatyra güni bellenilýär. Hatyra gününde ömür tanapy kesilen müňlerçe şehitler ýatlanylyp, aýat-töwirler okalýar. Ýurdumyzda ata-babalarymyzyň mukaddes däpleri dowam etdirilip, geçmişiň pajygaly günlerinde gurban bolan, tebigy betbagtçylyklarda wepat bolan ildeşlerimiz ýatlanylýar. Biz hem gurban bolanlaryň hatyrasyna beriljek sadakalaryň kabul bolmagyny, merhumlaryň ruhlarynyň şat bolmagyny Beýik Biribardan dileýäris!

Sadakalaryňyz kabul bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

ÇEPER GURLUŞYK

# «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Ähli uruşlarda we Aşgabat ýertitremesinde wepat bolan gahrymanlar hatyralanyp, 6-njy oktýabrda ýurdumyzda Hatyra güni bellenilýär.

Ýurdumyzda tebigy betbagtçylykda we Watan ugrundaky uruşlarda şehit bolanlaryň hatyrasy belent tutulýar. Eziz Diýarymyzyň mähriban halky şehit bolanlaryny, ata-babalaryny, öten-geçenlerini ýatlap, Hatyra gününde sadakalar berýär, aýat-töwirler okaýar, olaryň jaýlarynyň jennet bolmagyny Beýik Biribardan dileg edýär.

Şehit bolanlaryň hatyrasyna bagyşlanyp beriljek sadakalar Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolsun!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Goý, Beýik Allatagala Sizi öz penasynda aman saklasyn! Başyňyz dik, janyňyz sag bolsun, döwlet derejesinde alyp barýan tutumly işleriňiz elmydama rowaç bolsun!

Sadakalaryňyz kabul bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

# «GAP – TÜRKMEN» ÝGPJ TÜRKMENBAŞY JINS TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Ähli uruşlarda we Aşgabat ýertitremesinde wepat bolan gahrymanlarymyzy hatyralap 6-njy oktýabrda ýurdumyzda Hatyra güni bellenilýär. Şöhratly geçmişi mertlige, edermenlige beslenen türkmen halkynyň agzybirligi, jebisligi, birek-birege ýürekdeşligi, ynsanperwerligi kynçylyklary ýeňip geçen-de bolsa, onuň adamlaryň ýüreginde, kalbynda goýan ýarasy hiç mahal bitmez.

Adamzat taryhynda iň uly weýrançylykly ýertitremesiniň biri bolan bu tebigy betbagtçylykda we Watan ugrundaky uruşlarda şehit bolanlaryň hatyrasy belent tutulyp, Siziň Baştutanlygyňyzda Türkmenistanda her ýylyň 6-njy oktýabrynda Hatyra güni bellenilip geçilýär, sadakalar berlip, aýat-töwirler okalýar.

Beriljek sadakalar, okaljak aýat-töwirler gudraty güýçli Allanyň dergähinde kabul bolsun! Şehit bolanlaryň jaýlary jennet, ruhlary şat bolsun!

Türkmen ilini, hormatly Prezidentimiz – Sizi Beýik Allatagala hemişe öz penasynda aman saklasyn!

Sadakalaryňyz kabul bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy jins toplumynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**